**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– TÜRKMENISTANYŇ EKOLOGIK TAÝDAN ARASSA PAGTASYNDAN ÖNDÜRILÝÄN DOKMA ÖNÜMLERI HALKARA BAZARLARDA ÝOKARY HILI, TEBIGYLYGY WE BÄSDEŞLIGE UKYPLYLYGY BILEN GIŇDEN YKRAR EDILÝÄR.**


# ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

5-nji iýun, 2026. Belgisi 23/1693




# BÜTINDÜNÝÄ WELOSIPED GÜNI MYNASYBETLI KÖPÇÜLIKLEÝIN WELOSIPEDLI ÝÖRIŞ GEÇIRILDI

Welosipedli ýöriş paýtagtymyzyň Çandybil şaýoly bilen Bekrewe köçesiniň çatrygynda ýerleşýän «Welosiped» binasynyň ýanyndan badalga aldy. Bu ýere Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şäher häkimliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary ýygnandylar. Ýörişe daşary döwletleriň we halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri hem gatnaşdylar. Ýörişe ýygnananlaryň hatarynda Döwletliler köşgünde terbiýelenýänler, Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebiniň, umumybilim berýän orta mekdepleriň okuwçylary, Türkmenistanyň welosport boýunça ýygyndy toparynyň türgenleri, talyplar, jemgyýetçilik wekilleri-de bar.

Medeniýet we sungat işgärleriniň ýerine ýetirmeginde sagdyn durmuş ýörelgesini, ýurdumyzyň ösüşlerini wasp edýän aýdym-sazly çykyşlar ýaýbaňlandyryldy. Çykyşlar tamamlanandan soňra, Arkadagly Gahryman Serdarymyz köpçülikleýin welosipedli ýörişe badalga berdi.

Döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, bu asylly çärä gatnaşyjylar paýtagtymyzyň Çandybil we Bitarap Türkmenistan şaýollarynyň ugry bilen ýola düşdüler.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Bütindünýä welosiped güni dostlugyň we parahatçylygyň, sportuň hem-de ynsanperwerligiň belent ýörelgelerini dabaralandyrýan, jemgyýetimiziň agzybirligini, jebisligini alamatlandyrýan şanly sene hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun eýeleýär. Şonuň üçin-de eziz Diýarymyzda bu halkara baýram ýokary ruhubelentlikde giňden bellenilýär. Bütindünýä welosiped gününiň şanyna köpçülikleýin bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş, medeni çäreleriň geçirilmegi sagdynlygyň hem-de ruhubelentligiň ýurdy hökmünde Garaşsyz döwletimiziň abraýyny has-da belende göterýär.

Mälim bolşy ýaly, welosipedli ýörişler durmuş-ekologik taslamalary goldamak, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini dabaralandyrmak maksady bilen amala aşyrylýan giň gerimli çäreleriň biridir. Ýurdumyzda hem bu asylly ýörelge mynasyp dowam etdirilip, köpçülikleýin sport çäreleri döwlet derejesindäki möhüm wezipeleriň hatarynda durýar. Şunuň bilen baglylykda, welosipedli ýörişleriň yzygiderli guralmagy adamlarda sporta höwesi artdyrmaga, sagdyn durmuş ýörelgesini köpçülikleýin derejede dabaralandyrmaga şert döredýär. Sportuň bu görnüşi dürli ýaşdaky adamlaryň saglygyny berkitmek, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek üçin iň elýeterli hem-de netijeli ugurlaryň biri hasaplanýar. Welosport bilen yzygiderli meşgullanmak raýatlaryň gündelik durmuş işjeňligini artdyrmaga, olaryň medeni taýdan dynç almagyny üpjün etmäge ýardam berýär. Ýaş nesilleriň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy

***3-nji iýunda ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni bellenildi. Bu halkara sene mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişe hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagy onuň many-mazmunyny has-da artdyrdy.***

olaryň geljekde ruhy taýdan kämil şahsyýetler bolup ýetişmeginde uly ähmiýete eýedir. Çagalardyr ýaşlaryň köpçülikleýin sport hereketine işjeň gatnaşmaklary olaryň sagdyn ösüşine oňyn täsirini ýetirýär hem-de durmuşa kadaly uýgunlaşmagyna itergi berýär.

Ýurdumyzda çagalaryň saglygyny berkitmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilýändigini nygtamak gerek. Hususan-da, döwlet goldawyna mätäç ýaşajyk raýatlarymyz uly üns-alada bilen gurşalýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bu ugurda durmuşa geçirýän giň gerimli işleri munuň aýdyň mysalydyr. Ýakynda Bütindünýä welosiped güni mynasybetli Gökderedäki «Çynar» çagalar dynç alyş merkezinde dynç alýan Döwletliler köşgüniň ýaşlaryna Milli Liderimiziň we haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan welosipedler gowşuryldy. Munuň özi olaryň köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş, sport hereketine işjeň gatnaşmagyna giň ýol açyp, ýurdumyzda ýaş nesilleriň sagdyn bedenli, gujur-gaýratly kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri ugrunda döwlet derejesinde alada edilýändiginiň nobatdaky beýany boldy. Şu gün Döwletliler köşgünde terbiýelenýän şol ýaşlar hem Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgat berlen welosipedlerde, hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, welosipedli ýörişe uly ruhubelentlik bilen gatnaşdylar.

Bellenilen ugra görä, welosipedçileriň kerweni öz ýoluny paýtagtymyzyň giň şaýollary bilen dowam etdi. Köpetdagyň dag etekleriniň gözel görnüşleri, paýtagtymyzyň ajaýyp binagärlik keşbi ýörişe gatnaşýanlaryň ruhuny belende göterýär.

Aziýanyň merjen şäheri bolan Aşgabatda amala aşyrylýan ägirt uly gurluşyklar Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen durmuş ugurly döwlet syýasatynyň aýdyň netijesidir. Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat häzirki zaman, okgunly ösýän şäheriň – geljegiň şäheriniň täsin nusgasyny özünde jemleýär. Onda gözellik, oňaýlylyk, binagärligiň öňdebaryjy gazananlary, inženerçilik-tehniki gazanylanlar, milli binagärligiň gadymdan gelýän däpleri sazlaşykly utgaşýar.

Hormatly Prezidentimiz welosipedli ýörişi tamamlap, paýtagtymyzdaky Ruhyýet köşgüniň ýanyndaky pellehana bardy. Bu ýerde welosipedli ýörişe gatnaşyjylar ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan her ýylyň 3-nji iýunyny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda kabul edilen Kararnamanyň ähmiýetini bellediler hem-de hormatly Prezidentimizi, Gahryman Arkadagymyzy bu şanly sene bilen tüýs ýürekden gutladylar.

Döwlet Baştutanymyz hem olary bu sport baýramçylygy bilen gutlady we Bütindünýä welosiped gününe bagyşlanyp geçirilen köpçülikleýin sport çäresine gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, hemmelere berk jan saglyk, üstünlik arzuw etdi.

Şeýlelikde, şu gezekki welosipedli ýöriş jemgyýetimiziň agzybirliginiň, jebisliginiň, halkymyzyň sagdyn durmuş ýörelgelerine, ynsanperwer gymmatlyklara ygrarlydygynyň aýdyň güwäsi boldy.

# ÝURDUMYZDA GALLA ORAGYNA BADALGA BERILDI

***3-nji iýunda ýurdumyzyň oba hojalyk pudagy üçin möhüm tapgyry alamatlandyrýan 2026-njy ýylyň bugdaý oragy möwsümine badalga berildi. Bu waka mynasybetli Ahal, Lebap, Mary welaýatlarynda geçirilen dabaralara ugurdaş düzümleriň ýolbaşçylary we işgärleri, hormatly ýaşulular gatnaşdylar.***

Mälim bolşy ýaly, 22-nji maýda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz şu ýyl ýurdumyzyň welaýatlarynda gallanyň bol hasylynyň ösdürilip ýetişdirilendigini nygtap, Ahal, Lebap, Mary welaýatlarynda 3-nji iýunda, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda bolsa 10-njy iýunda galla oragyna başlamaga ak pata berdi. Döwlet Baştutanymyzyň ak patasyndan ruhlanan hormatly ýaşulular bu möwsümiň üstünliklere beslenmegini, Watanymyzyň rowaçlygyny we halkymyzyň abadançylygyny Beýik Biribardan dileg etdiler. Olar: «Harmanyňyza bereket, çäjiňize bereket!» diýen sözler bilen ilkinji bugdaý sünbüllerini ordular.



Şu ýyl ýurdumyzyň gallaçylary bugdaý üçin bölünip berlen ekerançylyk ýerlerinde bol hasyl ösdürip ýetişdirdiler. Orak möwsüminde galla orujy kombaýnlar, döwrebap, ýokary öndürijilikli tehnikalar işlediler. Olary dolandyrýanlar tejribeli mehanizatorlardyr. Möwsümde göçme mehaniki-abatlaýyş toparlary gije-gündizleýin esasda tehnikalary zerur bolan ýangyç, çalgy ýaglary, ätiýaçlyk şaýlar we hyzmatlar bilen üpjün ederler. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň barlaghanalary hem doly taýýarlyk ýagdaýynda bolup, gullugyň hünärmenleri döwrebap enjamlar arkaly gelip gowuşýan bugdaý hasylynyň hilini dessin kesgitlärler.

Bugdaý oragynyň başlanmagy mynasybetli welaýatlarda önümçilik-okuw maslahatlary geçirildi. Olaryň dowamynda orak möwsümini guramaçylykly geçirmek we bugdaý orujy kombaýnlaryň sazlaşykly işini üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy.

Oba hojalyk önümlerini öndürijiler üçin döredilýän maliýe-ykdysady mümkinçilikler olaryň öz zähmetiniň netijesine bolan gyzyklanmalaryny artdyrýar. Ýurdumyzda ýer, suw we beýleki tebigy serişdeleriň netijeli ulanylyşyna, daşky gurşawy goramaga, oba hojalyk ylmynyň, seçgiçiligiň, tohumçylygyň ösdürilmegine, önümçilige öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, ýokary hünärli işgärleriň taýýarlanylmagyna uly üns berilýär. Diýarymyzyň ak ekin meýdanlaryna bugdaýyň bol hasyl berýän «Arkadag», «Serdar», «Pyragy» ýaly täze görnüşleriniň ekilmegi Watan harmanynyň has-da beýgelmegini üpjün edýär.

Möhüm waka mynasybetli bugdaý meýdanlarynyň töweregine gadymy ekerançylyk däplerimizi şöhlelendirýän görkezme çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Sergilerde oba hojalyk önümleriniň dürli görnüşleri, çörek we çörek önümleri, häzirki zaman oba hojalyk tehnikalary görkezildi. Şeýle hem welaýatlaryň aýdym-saz, tans, folklor toparlarynyň çykyşlary guraldy.

# «Turkmentextile Expo – 2026» halkara sergisi

***Düýn paýtagtymyzdaky Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda «Turkmentextile Expo – 2026» atly halkara sergi-ýarmarkasynyň açylyş dabarasy boldy. Bu halkara sergini Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we «TurkmenExpo» kompaniýasy guraýar.***

Halkara sergi-ýarmarkanyň açylyş dabarasyna Mejlisiň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, daşary döwletleriň, halkara guramalaryň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Sungat ussatlarynyň çykyşlary dabaranyň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Hormatly Prezidentimiz «Turkmentextile Expo – 2026» atly halkara sergi-ýarmarka gatnaşyjylara Gutlagyny ugratdy. Gutlagda bu halkara sergi-ýarmarka ýurdumyzyň dokma senagatynyň gazananlaryny giňden görkezmek, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek, täze maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek hem-de innowasion tejribeleri alyşmak üçin uly mümkinçilikleri döredýär diýip bellenýär. Şeýle-de häzirki döwürde dokma pudagyny ösdürmekde halkymyzyň milli mirasyna,



asylly däp-dessurlaryna we çeperçilik ýörelgelerini döwrebap tehnologiýalar, innowasion ösüş bilen sazlaşykly utgaşdyrmaga uly ähmiýet berilýär. Bu çemeleşme türkmen dokma önümleriniň milli özboluşlylygyny saklamaga, olaryň çeperçilik gymmatyny has-da baýlaşdyrmaga hem-de halkara bazarlarda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär diýlip nygtalýar. ■ 2

# Ekologiýa diplomatiýasy



Diplomatiýa halkara gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri taraplaryň özara düşünişmegi, ylalaşmagy we belli bir oňyn karara gelinmegi bilen netijeli çözgüdiň çykarylmagyna şert döredýär. Amerikan alymlary J.Wuduň we Ž.Serreniň garaýyşlary bilen aýtsak, «Diplomatiýa halkara gatnaşyklarynda döreýän özara düşünişmezlikleriň parahatçylykly serişdeleriň ulanylmagy arkaly çözüliş sungatydyr. Şeýle hem diplomatiýa belli bir düzgünlere hem-de däp-dessurlara daýanylyp, halkara gatnaşyklarynyň sazlaşykly bolmagyna täsir edýär». Ekologiýa diplomatiýasy hem döwletleriň we daşky gurşawy goramak babatda iş alyp barýan halkara guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlykdyr. Geçen asyryň ikinji ýarymynda ekologiýa babatda halkara guramalaryň döremegi, olaryň çäginde ýörite düzümleriň bolmagy we bu ugurda birnäçe konwensiýalaryň, ylalaşyklaryň baglaşylmagy netijesinde dünýäde ekologiýa diplomatiýasynda möhüm ädim adildi. ■ 3


4
**Iň iri azyk eksportçylary**
Bütindünýä Söwda Guramasynyň (BSG) maglumatlaryna görä, azyk önümleriniň eksporty häzirki wagtda döwletleriň ykdysady kuwwatynyň iň aýdyň görkezijileriniň birine öwrüldi.

5
**Tomus pasly üçin maslahatlar**
Tomus paslynnda Günden gelýän ýiti şöhle saglyk üçin zyýanly bolup, ysgynsyzlyga, bedeniň suwuklyk derejesiniň peselmegine we deriniň guramagyna getirýär.

7
**Parižde 12 aýdan soň ýene-de uly baýramçylyk**
UEFA Çempionlar Ligasynda 2025/26 möwsüminiň çempiony ýene-de PSŽ boldy. Parižliler finalda «Arsenaly» 11 metrlik urgularyň netijesinde ýeňlişe sezewar etdi.

8
**Dünýä Kubogy 2026-nyň duşuşyklarynyň geçiriliş tertibi**

## «Toyota»-dan ozdy



Ýaponiýanyň «SoftBank Group» maliýe edarasy ýurduň iň gymmat bahaly kompaniýasy boldy. Şeýlelikde, bu ady 23 ýyl bäri göterýän «Toyota» ikinji orna düşdi. Muňa ýurduň «Nikkei» biržasyndaky bahalaryň üýtgemegi sebäp boldy. «SoftBank»-yň paýnamalary günüň dowamynda 10 göterimden ýokary geçip, 47–49 trillion ýene ýetdi. Şol wagtda «Toyota Motor»-yň paýnamasy 45–46 trillion ýeni görkezýärdi.

Ykdysady bilermenler bu üýtgeşmäniň ýapon ykdysadyýetiniň önümçilikden we senagatdan tehnologiýa bilen emeli aňa syrygýandygyny görkezýändigini belleýärler.

«SoftBank»-yň paýnamalary ýylyň başyndan bäri 90 göterimden gowrak gymmatlapdyr.

«Toyota» kän ýyllardan bäri dünýäniň iň köp awtoulag öndürýän kompaniýasy hasaplanýar.

Ogultuwak ŞYHYÝEWA,
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Iň uzyn monorels bolar



Müsüriň paýtagty Kairde sürüjisiz monorels ulgamy işe girizildi. Täze jemgyýetçilik ulagy Afrikanyň ilkinji sürüjisiz monorels ulgamy boldy. Taslamanyň ilkinji tapgyry bolan Gündogar Nil şahasy Nasr şäherindäki Halkara stadion bilen gurluşygy dowam edýän ýurduň täze paýtagtynyň arasyndaky 56,5 kilometrlik aralykda hereket edýär. Uzynlygy 43,8 kilometr boljak Günbatar Nil şahasynyň gurluşygy bolsa dowam edýär. Bu şaha tamamlanandan soňra şäher bilen Gizanyň aralygynda üznüksiz gatnaw ýola goýlar. Monorelsiň umumy uzynlygy 100 kilometrden geçer. Şeýlelikde, bu ýol häzirki wagtda Hytaýyň Çunsin şäherindäki uzynlygy 98,5 kilometre ýetýän monorelsden öňe geçer.

Gurluşygy doly tamamlanandan soňra monorels her gün 500 müň ýolagça hyzmat eder. Ýerden ýokarda gurlan demir ýolda hereket edýän otlularyň tizligi sagatda 80 kilometre ýetýär.

Ilaty 20 milliondan geçýän Kairde ýol dyknyşygy köp bolýar. Täze ulgamyň bu meseläni çözmäge ýardam etjekdigi bellenilýär. Häzirki wagtda şäherde metronyň 3 şahasy hereket edýär.

Jahan ÝOMUDOWA,
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Naharlaryň täze sanawy



Tagamlara baha berýän «TasteAtlas» platformasy dünýäniň iň gowy gatykly naharlarynyň sanawyny taýýarlady. Sanawa Hindistan, Eýran, Liwan we Türkiýe ýaly ýurtlardan jemi 20 tagam girizilipdir. Birinji orny Liwanyň Şişbarak atly nahary eýeläpdir. Börege meňzeş bu nahar gatyk we gök otlar bilen hödür edilýär. Türkiýäniň çökertme kebaby ikinji, Gresiýanyň tirokafteri tagamy üçünji boldy. «Chicken tikka masala» (Birleşen Patyşalyk) dördünji, manty (Türkiýe) bäşinji ýeri eýeledi. «Yiaourti me meli» (Gresiýa), «Snežanka salata» (Bolgariýa), Tanduri (Hindistan), raita (Hindistan) we kabab barg (Eýran) ilkinji onluga giripdir.

## Bahasy trillion dollardan geçdi



Bazar bahasy 1 trillion dollardan geçen kompaniýalaryň hataryna Koreýa Respublikasynyň «SK Hynix» hem-de ABŞ-nyň «Micron Technology» kompaniýalary goşuldy. Çip önümçiligi bilen meşgullanýan «SK Hynix» kompaniýasynyň bahasy emeli aň tehnologiýalaryna bolan ýokary islegiň netijesinde 1 trillion amerikan dollaryndan geçdi. Bu ýagdaý emeli aň tehnologiýasyna maýa goýýan beýleki kompaniýalara hem degişlidir. Mundan ozal «Samsung Electronics»-iň hem bazar bahasy 1 trillion dollardan geçipdi. Şeýlelikde, Koreýa Respublikasy ABŞ-dan soňra birden köp kompaniýasy şeýle derejä ýeten ikinji ýurt boldy.

«SK Hynix» kompaniýasynyň paýnamalarynyň bahasy 14,9% gymmatlap, bazar bahasy 1,68 katrillion wona (1,12 trillion amerikan dollary) ýetdi. 6-njy maýda «Samsung Electronics», 2-nji iýunda «Micron» kompaniýalary hem 1 trillion dollarlyk sepgitden geçipdi.

Aýdogdy ROZYÝEW,
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.*

## Ilatyň 10 millionda saklanmagy üçin sala salşyk geçiriler



14-nji iýunda Şweýsariýada ýurduň ilatynyň 10 million bilen çäklendirilmegi boýunça sala salşyk geçiriler. Ýurtda islendik meselede diýen ýaly sala salşyk geçirilýär. Häzirki wagtda ýurduň ilaty 9,1 milliondan geçýär. Eger halk tarapyndan goldanylan ýagdaýynda ýurda kabul edilýän migrantlaryň sany 50 göterim azaldylar. Şweýsariýada iş alyp barýan iri halkara kompaniýalaryň ýokary hünärli işgärleriniň köpüsi daşary ýurtly. Bu firmalaryň arasynda banklar, önümçilik we tehnologiýa kompaniýalary bar. Saglygy goraýyş ulgamynda iş alyp barýan «Roche Holding» kompaniýasynyň Bazeldäki edarasynda 100-den gowrak ýurtdan hünärmenler zähmet çekýär. «Google»-yň Sýurihdäki ofisinde dünýäniň 85 ýurdundan 5 müňden gowrak işgär işleýär. Soňky 10 ýylda ýurduň ilaty 1 milliona golaý artypdyr.

# «TURKMENTEXTILE EXPO – 2026» HALKARA SERGISI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Sergä Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň garamagyndaky kärhanalaryň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň bu ugurda iş alyp barýan agzalarynyň, daşary ýurtlardan dokma enjamlaryny, dokma senagaty üçin boýag we himiki serişdeleri, çig mal, gaplaýjy we önümçilik serişdelerini öndüriji, üpjün ediji kompaniýalaryň 100-den gowragy öz diwarlyklary bilen gatnaşýar. Şolaryň köpüsi daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalary we belli moda birleşmeleridir.

Sergi dokma senagatynyň enjamlary, tebigy süýümleri gaýtadan işlemek, egin-eşik we aýakgap, öý dokma önümleri, ätiýaçlyk şaýlary we bölek enjamlary, himiki



serişdeler we boýaglar, bezeg önümleri ýaly ugurlary, şeýle hem iň täze tehnologiýalary öz içine alýar hem-de «know-how» hödürleýär.

Halkara sergisi Türkmenistanyň dokma senagatynyň mümkinçilikleri bilen tanyşdyrmak, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça işewür meýdança öwrüldi. Sergä gatnaşyjylar innowasion ugurlar bilen tanşyp, işewür hyzmatdaşlygy ýola goýmak hem-de geljekdäki mümkinçilikleri barada maslahatlaşdylar.

Halkara serginiň çäklerinde dünýä belli brendler, halkara dizaýnerler, moda ussatlary bilen ýokary derejeli seminarlar, ussatlyk sapaklary hem-de duşuşyklar geçirilýär.

«Turkmentextile Expo – 2026» halkara moda görkezilişiniň geçirilýän meýdançasy köp adamly boldy. Bu ýerde Marokko, Oman, Fransiýa, Özbegistan, Gazagystan, Gyrgyzystan we Täjigistan döwletlerinden dizaýnerler öz kolleksiýalaryny hödürlediler.

Sergi üçin ýörite taýýarlanan eksklýuziw kolleksiýalar milli däpler bilen häzirki zaman dünýä tendensiýalarynyň sazlaşygyny görkezýär. Moda görkezilişi diňe bir täsirli wizual çäre bolman, eýsem, dizaýnerleriň, brendleriň we halkara alyjylaryň özara hyzmatdaşlygy üçin möhüm işewürlik platformasyna öwrüldi.




«Turkmentextile Expo – 2026»-nyň çäklerinde ýurduň zehinli türkmen dizaýnerleriniň kolleksiýalary hödürlendi. Bu kolleksiýalar milli medeni mirasyň baýlygyny häzirkizaman moda ugurlary bilen sazlaşdyrýar.

Dizaýnerler milli nagyşlardan, el işlerinden we milli aýratynlyklardan ylham alyp, taryhy häzirki zaman dizaýny bilen utgaşdyrýan özboluşly önümleri döredýärler. Olaryň sergä gatnaşmagy Türkmenistanyň döredijilik mümkinçiliklerini görkezýär we halkara bazara çykmak üçin täze mümkinçilikleri açýar.

Halkara sergi-ýarmarka 6-njy iýunda öz işini tamamlar.

# DAŞKY GURŞAWY GORAMAK – DÖWLET SYÝASATYNYŇ MÖHÜM UGRY

Her ýylyň 5-nji iýunynda dünýä jemgyýetçiligi Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä gününi belleýär. Bu sene adamzadyň öňünde duran iň möhüm meseleleriň biri bolan daşky gurşawy goramak, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny berkitmäge gönükdirilendir. Daşky gurşawyň abadançylygy diňe bir häzirki däl, eýsem, geljekki nesilleriň hem bagtyýar durmuşynyň esasy şertleriniň biridir.

Soňky onýyllyklarda dünýäde ilat sanynyň artmagy, senagat önümçiliginiň giňelmegi, tebigy baýlyklaryň aşa köp ulanylmagy we howanyň üýtgemegi ýaly ýagdaýlar ekologiýa meseleleriniň has-da ýitileşmegine getirdi. Alymlaryň bellemegine görä, daşky gurşawyň hapalanmagy, biodürlüligiň kemelmegi, tokaý meýdanlarynyň azalmagy we suw serişdeleriniň ýetmezçiligi häzirki döwrüň iň möhüm meseleleriniň hataryna girýär. Şonuň üçin dünýä döwletleri daşky gurşawy goramak babatda bilelikdäki tagallalary güýçlendirmäge uly ähmiýet berýärler.

Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni 1972-nji ýylda Şwesiýanyň paýtagty Stokgolm şäherinde geçirilen daşky gurşaw boýunça halkara maslahatyndan soň döredildi. Şol ýyldan bäri bu sene dünýäniň ýüzlerçe döwletlerinde giňden bellenilip, ekologiýa meselelerine jemgyýetçiligiň ünsüni çekmäge hyzmat edýär. Her ýyl bu gün aýratyn şygar astynda geçirilip, daşky gurşawy goramak bilen bagly möhüm meseleler öňe sürülýär.

Dünýä tejribesi ekologiýa howpsuzlygynyň durnukly ösüşiň möhüm şertleriniň biri bolup durýandygyny görkezýär. Köp ýurtlarda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden peýdalanmak, howa zyňyndylaryny azaltmak, «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak we tebigy baýlyklary goramak boýunça giň gerimli maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Gün we ýel energiýasyny ulanmak, galyndylary gaýtadan işlemek, suw serişdelerini tygşytly peýdalanmak ýaly çäreler üstünlikli amala aşyrylýar.

Türkmenistan ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek ugrunda halkara başlangyçlary öňe sürýän döwletleriň biridir. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda tebigaty goramak, daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Tebigaty goramak baradaky milli kanunçylyk yzygiderli kämilleşdirilýär, ekologiýa syýasaty döwrebap talaplara laýyklykda ösdürilýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda tokaý zolaklaryny döretmek we bag ekmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Her ýyl geçirilýän köpçülikleýin bag ekmek çäreleri diňe bir daşky gurşawy gowulandyrmaga däl, eýsem, howanyň arassalygyny üpjün etmäge hem uly goşant goşýar. Aşgabat we Arkadag şäherleriniň töwereginde döredilen ýaşyl zolaklar ekologiýa abadançylygyny üpjün etmegiň aýdyň mysallarydyr.

Ýakynda daşky gurşawy goramak boýunça döwlet syýasatynyň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak, howanyň üýtgemeginiň täsirini azaltmak babatda işleriň esasy ugurlaryny kesgitlemek, ekoulgamlaryň we tokaý hojalygynyň bu ýagdaýlara durnuklylygyny ýokarlandyrmak, şeýle hem «Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasyny» üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Türkmenistanyň 2026 – 2030-njy ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasy» hem-de şu maksatnamany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy.



Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryny goramak hem döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzda birnäçe döwlet tebigy goraghanalary hereket edip, olarda ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek duş gelýän görnüşleri gorag astyna alynýar. Köpetdagyň, Garagumuň, Amyderýanyň we Hazar deňziniň ekoulgamlaryny goramak boýunça ylmy we amaly işler alnyp barylýar.

Aral meselesine gönükdirilen halkara hyzmatdaşlyk hem Türkmenistanyň ekologiýa syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyz Merkezi Aziýa döwletleri bilen bilelikde Aral sebitindäki ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmak ugrunda birnäçe halkara taslamalary durmuşa geçirýär. Bu başlangyçlar sebitde ýaşaýan ilatyň durmuş şertleriniň gowulanmagyna we tebigy gurşawyň dikeldilmegine ýardam berýär.

Tebigat adamzadyň umumy baýlygy we geljek nesillere miras goýuljak gymmatlykdyr. Şonuň üçin onuň baýlyklaryny goramak, daşky gurşawy arassa saklamak we ekologiýa deňagramlylygyny üpjün etmek her birimiziň umumy jogapkärçiligimizdir. Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä güni bize tebigaty söýmegiň, ony goramagyň we geljek nesiller üçin has arassa dünýäni saklap galmagyň möhümdigini ýene bir gezek ýatladýar.

**Mähri REJEPOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# KÖP WELOSIPED SÜRÜLÝÄN ŞÄHERLER

2018-nji ýylda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan yglan edilen Bütindünýä welosiped güni mynasybetli her ýylyň 3-nji iýunynda dünýäniň dürli ýurtlarynda köp sanly çäreler geçirilýär. Welosiped ýaryşlary guralýar, bu ulagy sürmegiň saglyga, daşky gurşawa peýdasy barada maslahatlar, çagalarda howpsuz welosiped sürmegiň düzgünleri düşündirilýär. Iri şäherlerde welosiped sürmegi ýaýbaňlandyrmak üçin infrastruktura - welosiped ýodalary, weloduralgalar, welosipedleri kärendesine berýän kärhanalar döredilýär.



Bilermenler welosipediň iri şäherlerde ýol dyknyşygynyň, howanyň hapalanmagynyň öňüni almakda hem-de halkyň saglygy üçin peýdalydygyna ünsi çekýärler. Eýsem, dünýäniň haýsy şäherlerinde has köp welosiped sürülýärkä? Ine, olaryň käbiri.

**Utreht, Niderlandlar.** Bu ýurduň köp şäherinde esasy ulag serişdesi welosiped hasaplanýar. Utreht şäheriniň tekiz ýerde ýerleşmegi welosiped sürmek üçin amatly şert döredýär. Şäherdäki ýörite ýodalar bolsa, ýaşaýjylaryň gündelik durmuşda welosipedden işjeň peýdalanmagyny höweslendirýär.

**Münster, Germaniýa.** Şäheriň taryhy ýadygärlikleri, dar köçeleri awtoulagda däl-de, welosipedde aýlanmak üçin has amatly.

**Antwerpen, Belgiýa.** Syýahatçylaryň has köp barýan şäherleriniň biri bolan Antwerpen owadan binalary bilen köpleri özüne çekýär. Şäheriň ýaşaýjylary we myhmanlary üçin welosiped sürmäge ähli şert döredilipdir.

**Kopengagen, Daniýa.** Dünýäde ýaşaýşyň derejesi iň ýokary şäherleriň biri hasaplanýan Kopengagende welosiped sürýänleriň sany köp. Düzlükde ýerleşýän şäheriň ähli ýerinde diýen ýaly welosiped ýodalary çekilipdir.

**Malmö, Şwesiýa.** Ýewropanyň demirgazygyndaky bu port şäheri senagat taýdan ösen sebitleriň biridir. Şäheriň ýaşaýjylarynyň esasy ulaglarynyň biri welosiped hasaplanýar.

Bulardan başga-da, Hançžou (Hytaý), Bern (Şweýsariýa), Bremen, (Germaniýa), Oslo (Norwegiýa), Milan (Italiýa), Pariž (Fransiýa), London (Angliýa) we Tokio (Ýaponiýa) ýaly şäherler welosipediň has köp sürülýän ýerleri hasaplanýar.

**Bahargül ATAÝEWA,**
*Ylym we bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň Magtymguly etrap geňeşiniň hasapçysy.*

# ÇAGALARY GORAMAGYŇ HALKARA GÜNI GIŇDEN BELLENILDI

Däp bolşy ýaly, her ýylyň 1-nji iýunynda Çagalary goramagyň halkara güni bellenip geçilýär. Bu sene ýaş nesliň hukuklaryny goramaga, olaryň sagdyn we bagtyýar ösmegi üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen halkara ähmiýetli baýramçylyk hökmünde giňden bellenilýär. Çagalar her bir halkyň geljegi, jemgyýetiň dowamaty bolup durýar. Çagalar üçin edilýän alada, olara berilýän terbiýe we bilim ýurduň ertirki ösüşiniň berk binýadyny emele getirýär.



Türkmenistanda bu şanly sene mynasybetli paýtagtymyzdaky «Aşgabat» medeni-dynç alyş seýilgähinde, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň öňündäki meýdançada we welaýat merkezlerinde dabaralar geçirildi.

Çagalary goramagyň halkara güni geçen asyryň ortalarynda bellenilip başlandy. Birleşen Milletler Guramasy, onuň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) we beýleki halkara guramalar dünýäniň dürli sebitlerinde çagalaryň bilim, saglyk we durmuş şertlerini gowulandyrmak ugrunda giň gerimli işleri alyp barýarlar. Ösen ýurtlarda mekdebe çenli bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegine, çagalaryň döredijilik we sport bilen meşgullanmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Köp döwletlerde çagalaryň saglygyny goramak boýunça ýörite maksatnamalar durmuşa geçirilýär, olaryň hukuklaryny goraýan garaşsyz guramalar hereket edýär. Şeýle hem sanly tehnologiýalaryň ösmegi bilen baglylykda çagalary internet giňişligindäki howplardan goramak, olaryň maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri hem halkara gün tertibiniň möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi.

Ýurdumyzda ýaş nesil baradaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyjy bilen döredilen hem-de abraýly gurama öwrülen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ýaş nesilleri durmuş taýdan goldamak, howandarlyga mätäç çagalaryň saglygynyň dikeldilmegine ýardam bermek, mynasyp durmuşda ýaşamagy üçin amatly şertleri döretmek ugrunda dünýä nusgalyk asylly işler durmuşa geçirilýär.

Çaganyň ýylgyryşy – maşgalanyň bagty, jemgyýetiň şatlygy, Watanyň geljegidir. Şonuň üçin ýaş nesliň bagtyýar durmuşy ugrunda edilýän ähli işler beýik geljegimiziň bähbidine gönükdirilendir. Bagtly çagalyk, kämil bilim, ýokary ahlak terbiýesi we sagdyn durmuş ýörelgeleri geljekki nesilleriň üstünlikleriniň berk binýadydyr.

**Batyr NOWRUZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK – ABADAN JEMGYÝETIŇ BINÝADY

Adamzadyň iň uly baýlygy onuň saglygydyr. Şonuň üçin hem halk arasynda «Saglygym – baş baýlygym» diýen paýhasly söz giňden ulanylýar. Saglyk diňe bir şahsy bagtyýarlygyň däl, eýsem, jemgyýetiň ösüşiniň, ykdysady kuwwatynyň we döwletiň durnuklylygynyň hem esasy şertidir.

Soňky ýyllarda dünýäniň köp ýurtlarynda saglygy goraýyş ulgamy düýpli özgertmeleri başdan geçirýär. Sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, öňüni alyş lukmançylygynyň ösdürilmegi, ýokary tehnologiýaly anyklaýyş we bejeriş usullarynyň ulanylmagy saglygy goraýyş ulgamynyň täze döwrüni emele getirdi. Bu ugurda Türkmenistan döwletimizde halkara tejribäni üstünlikli özleşdirip, milli saglygy goraýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar.

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) saglygyň diňe keseliň ýoklugy däl-de, eýsem, adamyň fiziki, ruhy we durmuş taýdan doly abadançylyk ýagdaýydygyny belleýär. Häzirki wagtda ösen döwletlerde saglygy goraýyş ulgamynyň esasy ugurlary hökmünde öňüni alyş çäreleri, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň wagyz edilmegi, ýokary tehnologiýaly lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterliligi we lukmançylyk biliminiň kämilleşdirilmegi çykyş edýär.



Eziz Diýarymyzda saglygy goraýyş ulgamynyň ösdürilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda döwrebap hassahanalar, saglyk öýleri we ylmy-kliniki edaralar gurlup, ulanylmaga berildi. Olar dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň ýokary tehnologiýaly lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilendir. Bu bolsa raýatlara halkara ölçeglerine laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlaryny almaga mümkinçilik döredýär. Aşgabat şäherinde ýerleşýän Halkara saglyk merkezleri müdiriýetine degişli hassahanalar diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem, sebitde hem öňdebaryjy lukmançylyk edaralary hökmünde tanalýar. Bu merkezlerde ýürek-damar keselleri, endokrinologiýa, onkologiýa, göz keselleri we beýleki ugurlar boýunça ýokary derejeli hyzmatlar edilýär. Saglygy goraýyş ulgamynda öňüni alyş çärelerine aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň BSGG tarapyndan ýokanç däl keselleriň öňüni almak, temmäki önümleriniň zyýanly täsirine garşy göreşmek ugurlarynda gazanan üstünlikleri halkara derejede ýokary baha mynasyp boldy. Türkmenistan birnäçe gezek temmäkä garşy göreşmek boýunça halkara güwänamalara eýe boldy.

Ýakynda ilatyň ruhy we beden taýdan sagdynlygyny gazanmak, temmäkä garşy göreşmek, raýatlaryň saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, abadançylygyny ýokarlandyrmak, adamyň ömrüniň dowamlylygyny artdyrmak, bu ugurda netijeli we toplumlaýyn çäreleri durmuşa geçirmek maksady bilen, «Türkmenistany temmäkiden azat ýurda öwürmek boýunça 2026 – 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnama» hem-de şu maksatnamany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy hem tassyklanyldy.

Döwlet tarapyndan amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler halkyň saglygyny goramaga, ömrüň dowamlylygyny ýokarlandyrmaga we jemgyýetiň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu işler bolsa «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer ýörelgäniň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

**Kemal GUDRATULLAÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň deri we weneriki keseller kafedrasynyň müdiri.*

# ARASSAÇYLYK – SAGDYN DURMUŞYŇ KEPILI

Saglyk tebigatyň ynsana beren peşgeşi, ynsanyň durmuşyndaky esasy gymmatlyk, adam bedeniniň fiziki we ruhy güýçleriniň kadaly ýagdaýy bolup, ynsan üçin saglykdan uly baýlyk ýok. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bagtyýar raýatlarymyzyň saglygy baradaky alada döwlet derejesine çykdy, ýaşaýşymyza sagdyn durmuş ýörelgesini çuňňur ornaşdyrmak ählihalk işine öwrüldi. Ýurdumyzda yglan edilen «Saglyk» döwlet maksatnamanyň esasy özenini tutýan işleriň biri-de türkmen durmuşyna sagdyn durmuş ýörelgesini çuňňur ornaşdyrmakdyr.



Türkmen halkynyň edim-gylymy arassaçylyga iňňän üns berýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Türkmen halkynyň mirasyna ser salsaň, muny her ädimde görmek bolýar. Şeýle häsiýetleriň jemlenmegi bilen, irki döwürlerde hem dürli keselleriň ýaýramagyndan goranyp bilipdirler. Arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek endigimiz saglygymyzy goramakda uly ähmiýete eýedir. Elimizi wagtly-wagtynda ýuwmak bizi zyýanly mikroblaryň bedenimize düşmeginden goraýar. Daş çykylanda eliňe zyýansyzlandyryş serişdelerini sepmegiň hem mikroblardan goraýjylyk ähmiýeti bardyr.

Eliňi ýuwmaga mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda, zyýansyzlandyryş serişdesini ýanyňyz bilen götermek arkaly bu meseläni aradan aýryp bilersiňiz. Şeýle-de şahsy arassaçylygy berjaý etmekde maşgala agzalarynyň her biriniň aýratynlykda süpürgijiniň, elýaglygynyň bolmagy-da hökmandyr.

Iş otagyňyzyň we öýüň içiniň hem her gün ýelejiredilip we yzygiderli tämizlenip durulmagy, beýleki arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilmegi zerurdyr. Lukmanlar tämizleýji serişdeler ulanylanda, eliňize ýörite arassaçylyk çärelerini geçirmek üçin niýetlenen ellikleri geýmegi maslahat berýärler. Arassaçylyk kadalarynyň dogry we doly ýerine ýetirilmegi saglygymyzy goramagyň iň ygtybarly serişdeleriniň biridir.

Her bir adam kadaly iýmitlenmek boýunça zerur bolan ýönekeý düzgünleri bilip, berjaý etmäge çalyşmalydyr. Gök we bakja önümlerini köpräk iýmeli. Gök önümler we miweler iýilmezden öň gowy edip akar suwda ýuwulmaly. Azyk önümleri, gap-çanak saklanylýan we nahar bişirilýän ýerler arassa bolmalydyr.

Ynsan saglygyny baş döwlet aladalarynyň biri hökmünde ileri tutýan Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza sagbolsun aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Pyhy PYHYÝEW,**
*Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň arassaçylyk-gigiýena bölüminiň müdiri.*

## Has uzak aralyga uçar

«Airbus» kompaniýasy has uzak aralyga uçmaga niýetlenen «Ultra Long Range» synpyna degişli ilkinji uçaryny synagdan geçirdi. Fransiýanyň Tuluza şäherindäki aeroportdan howa göterilen uçar 3 sagat 43 minut uçup, 12 müň 500 metr belentlige çenli çykdy. Awstraliýanyň «Qantas» awiakompaniýasy şeýle howa gämilerinden 12-sini sargyt edipdir. Awiakompaniýa bu uçary Sidneý–London aralygynda ulanmagy maksat edinýär. «Airbus» ilkinji «A350-1000ULR» uçaryny geljek ýylyň aprelinde müşderisine gowşurar. Uçaryň has uzak aralygy düşlemezden geçmegi üçin goşmaça ýangyç bagy ýerleşdirilipdir. Şeýlelikde, howa gämisi 18 müň 500 kilometre çenli ýol geçip bilýär. Sidneý–London aralygy bolsa, 17 müň kilometr.



ABŞ-nyň «Boeing» kompaniýasynyň çykarjak «Boeing 777-8» uçary 16 müň 200 kilometre golaý ýol geçip biler. Häzirki wagtda dünýäniň iň uzak aralyga gatnawy «Singapore Airlines» tarapyndan Singapur–Nýu-Ýork aralygynda amala aşyrylýar. 15 müň 350 kilometr bolan bu aralyk 18 sagatdan gowrak wagtda geçilýär. «Qantas» awiakompaniýasy bolsa, «Project Sunrise» atly taslamasynyň çäklerinde Sidneý–London we Sidneý–Nýu-Ýork ýaly ugurlarda üznüksiz gatnawy ýola goýmagy meýilleşdirýär.

**Güljemal AMANLYÝEWA,**
*Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 5-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118802
Belgisi: 23/1693
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# EKOLOGIÝA DIPLOMATIÝASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyz häzirki wagtda daşky gurşawy goramak bilen bagly birnäçe halkara guramalaryň agzasy bolmak bilen birlikde, onlarça konwensiýalardyr ylalaşyklara gatnaşyjy tarap bolup durýar. Hut şunuň esasynda Türkmenistan halkara ylalaşyklaryň talaplaryna ygrarly ýurt hökmünde kesgitlenen wezipeleri iş ýüzünde üstünlikli durmuşa geçirmek bilen ýokary halkara abraýa mynasyp boldy.

Ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ýokary depginde ösmegi, dünýä ilatynyň köpelmegi, daşky gurşawa antropogen (adamyň hojalyk işleriniň) täsirleriň artmagy adamzadyň öňünde daşky gurşawy goramak meselesini goýdy. Gazylyp alynýan tebigy baýlyklaryň artmagy bilen janly tebigatyň florasynyň (ösümlik dünýäsiniň) we faunasynyň (haýwanat dünýäsiniň) ýaşaýşyna ýaramaz täsir etmegi adamzady ekologiýa diplomatiýasynda netijeli hyzmatdaşlyga getirdi.

Türkmenistan hem bu ählumumy meselelerden daşda durman, adamzat üçin aýratyn gymmatlygy bar diýlip hasap edilýän tutuş dünýä boýunça medeni we tebigy mirasy ýüze çykarmak we goramak üçin 1972-nji ýylda kabul edilen Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak barada konwensiýa 1992-nji ýylda gol çekmek bilen, 1994-nji ýylyň 26-njy martynda ykrar etdi. Ol medeni we tebigy mirasy gorap saklamak babatda ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmaklyga gönükdirilendir. Medeni we tebigy mirasyň obýektleri Bütindünýä mirasyň sanawyna goşulandan soň halkara jemgyýetçiliginiň umumy aladasyna we goramak borçnamasyna öwrülýär. Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär. Konwensiýa gatnaşyjy bolmak bilen, Türkmenistan medeniýetiň we tebigatyň gaýtalanmajak ýadygärliklerini hertaraplaýyn öwrenmeklige we gaýtadan dikeltmeklige gönükdirilen dürli maksatnamalary durmuşa geçirýär. Türkmenistanyň ÝUNESKO bilen özara hereketleri Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak barada konwensiýanyň we ÝUNESKO-nyň «Adam we biosfera» maksatnamasynyň ýörelgelerine esaslanýar. Maksatnamanyň çäklerinde döredilen Bütindünýä biosfera goraghanalarynyň ulgamy ekologik deňagramlylyk üçin zerur bolan biodürlüligiň ýitgilerini pes derejä getirmäge, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga we durmuş, ykdysady we medeni şertlerini gowulandyrmaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Gazagystan hem-de Özbegistan Respublikalary bilen bilelikde hödürlän «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamasynyň kabul edilmegi, şeýle hem ýurdumyzyň «Gaplaňgyr», «Bereketli Garagum» döwlet tebigy goraghanalarynyň, «Repetek» döwlet biosfera goraghanasynyň we onuň garamagyndaky Ýerajy döwlet tebigy çäkli goraghanasynyň çöl ekoulgamlarynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň düzümine girendigi buýsandyryjydyr. Häzirki wagtda ÝUNESKO-nyň bütindünýä sanawyna diňe bir taryhy-medeni däl-de, eýsem, ýurduň gaýtalanmajak tebigy obýektlerini hem goşmak barada teklipleri taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Bu işler diňe bir tebigaty goramak nukdaýnazardan gymmatly bolman, eýsem bu günki gün Merkezi Aziýa sebiti üçin esasy ugurlaryň biri bolan ekologiýa howpsuzlygy nukdaýnazaryndan hem wajypdyr. Bu gurama bilen hyzmatdaşlykda Türkmen oba hojalyk institutynda «Daşky gurşawy goramak - durnukly ösüşiň möhüm konsepsiýasy» atly ÝUNESKO klubynyň döredilmegi hem hyzmatdaşlykda alnyp barylýan işleriň geriminiň giňdiginden habar berýär.

Ýokarda agzalan halkara ylalaşykdan soňra ýurdumyz ozon dargadyjy maddalaryň öndürilişine we peýdalanylyşyna gözegçilik etmekden hem-de olardan peýdalanmakdan kem-kemden ýüz öwürmek arkaly ozon gatlagynyň dargamagynyň netijelerinden adamyň saglygyny we daşky gurşawy goramaga ýardam etmek maksady bilen, 1985-nji ýylda kabul edilen BMG-niň Ozon gatlagyny goramak hakynda Wena konwensiýasyna 1993-nji ýylyň 3-nji awgustynda goşuldy. Soňra bu konwensiýa ozon dargadyjy maddalary (freonlary) önümçilikden we peýdalanmakdan çykarmagyň jikme-jik tertipnamasy, şeýle hem ozon dargadyjy maddalaryň öndürilişine, eksportyna we importyna gözegçilik boýunça çäreleriň goşulmagy bilen, Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar hakynda Monreal teswirnamasy kabul edildi. Şeýlelikde, ýurdumyz 1993-nji ýylyň 3-nji awgustynda bu halkara ylalaşygy ykrar etdi. Wagtyň geçmegi bilen, Monreal teswirnamasynyň Taraplary Teswirnamanyň goşundylarynda sanalýan düzgünleşdirilen maddalaryň öndürilişini we peýdalanylyşyny azaltmak boýunça käbir düzedişler girizip, dürli ýyllarda, has dogrusy, London düzedişini (1990ý.), Kopengagen düzedişini (1992ý.), Monreal düzedişini (1997ý.), Pekin düzedişini (1999ý.) we Kigali düzedişini (2016ý.) kabul etdi. Ozon gatlagyny goramak boýunça çäreleriň arasynda möhüm orny eýeleýän Teswirnamanyň Kigali düzedişi güýçli ýyladyşhana gazy – gidroftoruglerodlary (GFU) düzgünleşdirýän we kem-kemden dolanyşda azaldyljak maddalaryň sanawyna goşýar. Düzediş taraplary 2040-njy ýylyň ahyryna çenli GFU-ny peýdalanmagy kem-kemden 80-85 göterim azaltmaga borçlandyrýar. Ýurdumyz hem sanalan düzedişleri ykrar etmek bilen, adamzat üçin aýgytly işlerde möhüm tagallalary durmuşa ornaşdyrýar.



1992-nji ýylyň 9-njy maýynda kabul edilen BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada Çarçuwaly konwensiýasy atmosferada zyňyndy gazlaryň toplanmagynyň howa ulgamyna howply antropogen täsirleriniň döremegine getirmejek derejesinden üýtgetmän saklamakdyr. Türkmenistan hem bu möhüm konwensiýany 1995-nji ykrar etmek bilen, halkara resminamanyň kadalaryny milli kanunçylyga, döwlet maksatnamalaryna, şeýle hem daşky gurşawy goramak syýasatyna işjeň ornaşdyrýar.

Howanyň üýtgemeginiň öňüni almak, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we klimaty maliýeleşdirmek meselelerini düzgünleşdirýän, zyňyndy gazlaryň möçberini azaltmagyň, täze tehnologiýalary ornaşdyrmagyň we uýgunlaşmagyň milli maksatlaryny taýýarlamaklygyň zerurlygyny göz öňünde tutýan BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada Çarçuwaly konwensiýasynyň Pariž ylalaşygy 2015-nji ýylda kabul edilip, Türkmenistan 2016-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda ilkinjileriň hatarynda goşuldy.

BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada Çarçuwaly konwensiýasynyň düzgünnamasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 15-nji maýyndaky karary bilen Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasy kabul edildi. Milli strategiýa howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin ilatyň saglygyny, oba we suw hojalyklaryny, Hazar deňziniň kenarýaka zolagyny, tebigy ekoulgamlary, ösümlik we haýwanat dünýäsini, toprak we ýer serişdelerini öz içine alýan esasy pudaklary kesgitleýär. 2019-njy ýylda BMG-niň Howanyň üýtgemegi barada Çarçuwaly konwensiýasynyň 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul edilen Pariž ylalaşygy boýunça borçnamalary göz öňünde tutýan Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň milli strategiýasynyň rejelenen görnüşi kabul edildi. Onuň esasy maksady, ilkinji nobatda, durmuş-ykdysady we ekologik düzüjileri hem-de ýurduň ykdysadyýetiniň ähli esasy ugurlary bilen baglylykda howanyň üýtgemegine uýgunlaşma çärelerini göz öňünde tutmak bilen, ýurduň durnukly ösüşini üpjün etmekdir. Konwensiýada göz öňünde tutulan wezipelere laýyklykda, 2000-nji ýylda birinji, 2010-njy ýylda ikinji, 2015-nji ýylda bolsa üçünji Milli habarnamalar taýýarlanyldy. Häzirki wagtda dördünji Milli habarnamany taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Geçen ýylyň aprel aýynda hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýa amala aşyran saparynyň dowamynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Çuo uniwersitetiniň Gözleg we ösüş başlangyjynyň arasynda ýyladyşhana gazlarynyň milli sanawyny kämilleşdirmek we Pariž ylalaşygyna laýyklykda hasabat bermek boýunça mümkinçiligini ýokarlandyrmak barada özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň baglaşylmagy hem bu ugurda alnyp barylýan işleriň ýokarydygyny tassyklaýar. 2025-nji ýylyň 4-nji aprelinde Özbegistanyň Samarkant şäherinde geçirilen halkara forumda hormatly Prezidentimiz daşky gurşawy goramak, tebigatdan netijeli peýdalanmak we ony abadanlygy bilen geljekki nesillere miras galdyrmak babatda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän nusgalyk işler babatda giňişleýin durup geçdi hem-de «2024-nji ýylyň ahyryna çenli Türkmenistanda metan zyňyndylary 11 göterim azaldy. Bu bolsa meýilnamada bellenen derejeden ýokarydyr» diýip belläp geçdi.

Hormatly Prezidentimiz 2023-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatynda (COP28) eden taryhy çykyşynda: «Jogapkärli döwlet hökmünde Türkmenistan halkara we milli derejede maksada okgunly işi dowam etdirmegiň zerurdygyna düşünýär. Şol iş bolsa howanyň üýtgemegine we onuň netijelerine garşy göreşmekde mundan beýläk-de ösüşi üpjün etmäge ýardam berer» diýmek bilen, Türkmenistanyň hem Ählumumy metan borçnamasyna goşulýandygyny resmi taýdan yglan etdi.

Daşky gurşawy goramak bilen baglylykda ýokarda getirilen halkara ylalaşyklar bilen birlikde ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň Suw guşlarynyň ýaşaýan ýerleri hökmünde halkara ähmiýetli suwly-batgalyk ýerler hakynda Konwensiýasyna (Ramsar Konwensiýasy), Biologik dürlülik hakyndaky Konwensiýasyna, Biologik dürlülik hakyndaky Konwensiýanyň Kartahena Teswirnamasyna, Biologik dürlülik baradaky Konwensiýanyň Genetik baýlyklaryň elýeterliligini kadalaşdyrmak hem-de olary ulanmakdan gelip çykýan peýdany adalatly we deň derejede paýlaşmak hakyndaky Nagoýa Teswirnamasyna, Çölleşmäge garşy göreş baradaky Konwensiýasyna, Howply galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna we olaryň çykarylyşyna gözegçilik etmek baradaky Konwensiýasyna (Bazel Konwensiýasy), Habara elýeterlik, kararlary kabul etmek işine jemgyýetçiligiň gatnaşmagy hem-de daşky gurşawa dahylly meseleler boýunça adyl kazyýetlilige elýeterlik hakyndaky konwensiýasyna (Orhus konwensiýasy), Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerini gorap saklamak boýunça Konwensiýasyna (Bonn Konwensiýasy), Afrika-Ýewraziýa göçýän suw guşlaryny gorap saklamak baradaky ylalaşygyna, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýasyna, Ýabany haýwanlaryň ýitmek howpy astyndaky görnüşleriniň halkara söwdasy boýunça konwensiýasyna gatnaşyjy tarap bolmak bilen, şeýle möhüm halkara resminamalardan gelip çykýan wezipeleridir borçlar iş ýüzünde üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Görşümiz ýaly, ekologiýa diplomatiýasynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän beýik özgertmelerdir halkara hyzmatdaşlygy diýseň buýsandyrýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan döwletli ýoly hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär. Goý, şeýle asylly başlangyçlar dowamat-dowam bolsun!

**Orazgeldi SAPAROW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty.*

# Bilim arkaly beýik geljek gurulýar

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly atmyradyň mekany» ýylynda ylym-bilim ulgamy ýurdumyzyň ösüşleriniň berk binýadyna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly syýasaty netijesinde ýaşlaryň döwrebap bilim almagy, ylmy gözlegler bilen meşgullanmagy we öz ukyp-başarnyklaryny doly açyp görkezmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitabynda bellenip geçilişi ýaly, bilim arkaly beýik geljek gurulýar. Hut şonuň üçin hem biz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmäge we ösdürmäge döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde garaýarys.

Ösüp gelýän ýaş nesiller Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň aladalary bilen gurşalandyr. Olar üçin ýurdumyzda sazlaşykly ösmäge ýardam berýän ähli şertler döredilýär. Döwlet Baştutanymyzyň yzygiderli tagallasy bilen ýurdumyzda täze ýokary okuw we orta mekdepler açylyp, täze hünärler girizilýär. Bu bolsa mekdebi tamamlaýan uçurymlara dürli ugurlar boýunça bilimini artdyrmaga mümkinçilik berýär.



Ýakynda geçirilen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hasabat berlişi ýaly, paýtagtymyzyň Büzmeýin etrabynyň «Bagyr» ýaşaýyş toplumynda 2 sany her biri 720 orunlyk umumybilim berýän mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny gurmak boýunça degişli çäreler görülýär. Gurulmagy meýilleşdirilýän mekdeplerde we çagalar bagynda ýaş nesliň döwrebap bilim-terbiýe almagy üçin ähli oňaýly şertler dörediler.

Ýurdumyzyň ýaşlarynyň ylymly, bilimli, kämil hünärmenler bolup ýetişmekleri ugrunda uly işler amal edilýär. Ýaşlara diňe bir ýurdumyzda däl-de, eýsem, dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde-de bilim almaga giň ýollar açylýar. Täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde türkmen ýaşlary dünýä derejesindäki olimpiadalarda, halkara bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edip, ýurdumyzyň abraýyny belende göterýärler. Şu ýylyň ýanwar–aprel aýlarynda okuwçylaryň we talyplaryň halkara ders bäsleşiklerine, olimpiadalara gatnaşyp, jemi 807 medal gazanmagy aýratyn bellärliklidir.

Döwrüň talaby diýlende, ilkinji nobatda, häzirki zaman multimediýa enjamlary, sanly tehnologiýalar göz öňüne gelýär. Ajaýyp zamanamyzyň bagtyýar ýaş nesilleriniň bu ugurda kämilleşmekleri üçin olaryň ak mekdebe gadam basan ilkinji gününden amatly şert-mümkinçilikleriň üpjün edilýändigini bellemek ýakymlydyr. Bilimler dünýäsiniň gapysyndan ilkinji gezek ätlän körpelere «Bilimli» atly kompýuterleriň gowşurylmagy olar hakynda edilýän aladanyň toplumlaýyn häsiýete eýedigininiň güwäsidir. Türkmen, iňlis, rus dillerindäki maglumatlary özünde jemleýän şol kompýuterleriň ýurdumyzda öndürilmegi bolsa aýratyn guwandyryjydyr.

Ylmyň soňky gazananlary, okatmagyň innowasion usullary, ýokary hilli elektron bilim maglumatlary giňden ornaşdyrylan milli bilim ulgamynyň ösüşlere beslenýändigine şu okuw ýylynyň dowamynda ýurdumyzyň mekdep okuwçylarynyň we talyplarynyň halkara ders bäsleşiklerinde, olimpiadalarda baýrakly orunlara mynasyp bolmaklary hem aýdyň subutnamadyr. Gazanylýan bu üstünlikler Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzda bilim syýasatynyň rowaçlyklara beslenýändiginiň nyşanydyr.

**Tawus ATAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky harby institutynyň uly mugallymy.*

# Bütindünýä welosiped güni – sagdynlyk dünýäsine çagyryş

Her ýylyň 3-nji iýunynda dünýä jemgyýetçiligi Bütindünýä welosiped gününi uly dabara bilen belleýär. Bu halkara baýramçylyk ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Baş Assambleýasy tarapyndan 2018-nji ýylda kabul edilen Kararnama esasynda döredildi. Bu başlangyjyň dünýä jemgyýetçiliginde örän uly orny bolup, biziň ýurdumyz dünýäde sportuň, sagdynlygyň we ekologiýanyň tarapdary hökmünde welosiped hereketiniň giňden ýaýbaňlanmagyna tagalla etdi.

Her ýyl bolşy ýaly, bu ýyl hem Bütindünýä welosiped güni mynasybetli ýurdumyzda bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş çäreleri geçirildi. 3-nji iýunda paýtagtymyzda köpçülikleýin welosipedli ýöriş guraldy. Şanly sene mynasybetli 30-njy maý – 3-nji iýun aralygynda welaýatlarda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde welosipedli ýörişler, sport ýaryşlary, ylmy-amaly maslahatlar, wagyz-nesihat we beýleki çäreler geçirildi.

Welosiped diňe bir ulag serişdesi bolman, sagdyn durmuş ýörelgesiniň, daşky gurşawy goramagyň we adamzadyň tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagynyň hem ajaýyp nyşanydyr.

Welosipediň taryhy iki asyrdan gowrak wagta uzaýar. 1817-nji ýylda germaniýaly oýlap tapyjy Karl fon Drez tarapyndan ilkinji «ylgaýan maşyn» döredilýär. Bu agaçdan ýasalan serişdäniň heniz pedaly ýokdy, adam aýaklary bilen ýeri itekläp hereket edýärdi. 1860-njy ýyllarda Fransiýada öňki tigire göni birikdirilen pedallar oýlanyp tapyldy. 1870-nji ýyllarda welosipediň has çalt gitmegi üçin öňki tigiri örän uly, yzky tigiri bolsa kiçijik edip ýasalýar. 1885-nji ýylda iňlis oýlap tapyjysy Jon Kemp Starli tarapyndan ilkinji howpsuz welosiped döredilýär. Onuň iki tigiri hem deň ululykda bolup, hereket zynjyr arkaly yzky tigire geçirilýärdi. Şondan köp wagt geçmänkä, şotlandyýaly Jon Boýd Danlop tarapyndan howaly rezin şinalar oýlanyp tapylýar we welosiped häzirki keşbine gelýär.

Lukmanlar welosiped sürmegi iň peýdaly maşklaryň biri hökmünde görkezýärler. Yzygiderli welosiped sürmek gan aýlanyşyny gowulandyrýar, ýürek urşuny kadalaşdyrýar. Ortaça tizlik bilen bir sagat welosiped sürmek bedende 400-600 kaloriýa çenli energiýany aradan aýyrmaga kömek edýär. Bu bolsa artykmaç agramy aýyrmak we bedeni sagdyn saklamak üçin iň gowy usuldyr. Tämiz howada, tebigatyň goýnunda welosiped sürmek göwnüňi göterip, gussany azaldýar we ukyny kadalaşdyrýar.

Häzirki wagtda dünýäde ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek ugrunda giň tagallalar edilýär. Howanyň hapalanmagyna garşy we awtoulaglardan çykýan zyýanly gazlary azaltmak babatda degişli çäreleri görmek üçin giň gerimli taslamalar amala



aşyrylýar. Welosiped tebigata zyýanly bolman, ekologiýa taýdan amatly ulag görnüşi bolup durýar. Ýangyç ýa-da gymmat bahaly abatlaýyş işlerini talap etmeýän bu ulag serişdesi, şäher içindäki dyknyşyklardan gutulmagyň we wagty tygşytlamagyň iň netijeli serişdesidir. Amsterdam, Kopengagen ýaly Ýewropa şäherlerinde ilatyň agramly böleginiň gündelik işe, okuwa welosipedli gitmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Bütindünýä welosiped güni diňe bir senenamadaky baýram däl, eýsem sagdynlyga, gözelligiň we tämizligiň dünýäsine çagyryşdyr. Welosiped sürmek bilen biz diňe bir öz saglygymyzy berkitmän, eýsem, planetamyzyň arassa bolmagyna hem goşant goşýarys.

**Ogulnabat ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## EDEBIÝAT

**Žorž Martin:** ***«Kitap okaýan adam dirikä müňlerçe ömür ýaşaýar. Kitap okamaýan bolsa diňe birini».***

# Halkara Buker baýragy gowşuryldy

Londonyň «Tate Modern» muzeýinde geçirilen dabarada 2026-njy ýylyň Halkara Buker baýragynyň ýeňijileri yglan edildi. Bu abraýly baýraga Hytaý Taýpeýinden bolan zenan ýazyjy Ýaň Şuan-szy hem-de terjimeçi Lin King özleriniň «Taýwan ýol ýazgylary» (Taiwan Travelogue) atly romany bilen mynasyp boldular. Şeýlelikde, ilkinji gezek 2020-nji ýylda neşir edilen bu eser iňlis diline terjime edilen çeper edebiýat ugry boýunça berilýän meşhur baýragy gazanan mandarin dilindäki ilkinji roman hökmünde edebiýat taryhyna girdi. Ýeňijilere gowşurylan 50 müň funt sterling möçberindäki baýrak düzgün boýunça awtor bilen terjimeçiniň arasynda deň paýlandy.



Eseriň ýordumy 1930-njy ýyllaryň taryhy şertlerinde amala aşyrylan ýol ýazgylara esaslanyp, onda iki zenanyň ada boýunça amala aşyran syýahaty beýan edilýär. Baýragyň guramaçylary bu eseriň taryhy ýazgylar, durmuşy gatnaşyklar, jemgyýetçilik aýratynlyklary hem-de ynsanperwerlik ýaly temalary öz içine alýandygyny hem-de dil we medeni gymmatlyklary inçe öwüşginde açyp görkezýändigini bellediler. Ýazyjy Ýaň Şuan-szy bu romanyň üsti bilen şol döwrüň çylşyrymly taryhy şertlerini çeper sözüň güýji arkaly beýan etmegi maksat edinendigini aýtdy.

Häzirki wagtda dünýä edebiýatynyň muşdaklarynyň arasynda uly gyzyklanma döreden bu eseri çap etmek hukugy dünýäniň 23 döwletine satyldy. Ol şu ýylky gysga sanawa giren Germaniýadan Şida Bazýaryň «Tährande gijeler asuda», Daniel Kelmanyň «Režissýor», Bolgariýadan Rene Karabaşyň «Şol, galan zenan», Braziliýadan Ana Paula Maýanyň «Ýer ýüzünde bolşy ýaly» hem-de Fransiýadan Mari Ndiaýyň «Albassy» ýaly kämil eserleriniň arasyndan saýlanmagy başardy. Mälim bolşy ýaly, Halkara Buker baýragy 2016-njy ýyldan bäri daşary ýurtly awtorlaryň iňlis diline terjime edilip, Beýik Britaniýada ýa-da Irlandiýada neşir edilen iň gowy çeper eserleri üçin her ýyl yzygiderli gowşurylýar.

# Halkara kitap sergisi öz işine başlady

29-njy maýda Kataryň paýtagty Doha şäherinde ýurduň edebiýat, neşirýat işi we medeni alyş-çalyş ulgamyndaky halkara abraýyny bütin dünýä aýan edýän iň iri we giň gerimli 35-nji halkara kitap sergisi dabaraly açyldy. Ýyllaryň dowamynda dünýäniň diňe 20 sany neşirýatynyň gatnaşmagynda kiçi göwrümli çäre hökmünde başlan sergi, häzirki wagtda Ýakyn Gündogaryň iň uly edebi wakalarynyň birine öwrülip, öz töweregine dünýäniň dürli künjeklerinden 515-den gowrak neşirýat öýlerini ýygnamagy başardy. Guramaçylaryň bellemegine görä, sanly tehnologiýalaryň ösen döwründe jemgyýetde kitap okaýanlaryň sanyny artdyrmagy we yzygiderli internet ulgamlaryna sarp edilýän wagty azaltmagy maksat edinýän bu halkara çäre okyjylar köpçüligine täze neşirleriň we medeniýetleriň baý dünýäsine gyzykly syýahaty hödürleýär.

Häzirki zaman interaktiw göçme kitaphana ulgamy, köp sanly ajaýyp neşir önümleri, şeýle hem ýazyjylar we okyjylar üçin niýetlenen giň göwrümli maksatnamalar bu gezekki serginiň esasy aýratynlyklary boldy. 35-nji gezek guralýan bu medeni çäre,



gatnaşyjylaryň sany boýunça öz taryhyndaky iň ýokary görkezijä ýetdi. Serginiň çäklerinde guralýan duşuşyklar we döredijilik agşamlary dünýä medeniýetleriniň ýakynlaşmagyna, tejribe alyşmaga we neşirýat işini täze belentliklere götermäge uly ýardam edýär.

**Gülruh AMANOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň kitaphanaçysy.*

**«ZAMAN-TÜRKMENISTANYŇ» ARHIWINDEN**

**Atamyrat Orazlyýew gazetimiziň baýry işgärleriniň biridi, köp ýyllap redaksiýanyň «ody bilen girip, küli bilen çykypdy». Ol hemmämiziň halypamyzdy, käriňe yhlasly, jogapkärçilikli çemeleşmek, adamkärçilik, ynsanperwerlik, birek-birege goldaw bermek... babatda hakyky görelde mekdebidi.**

**Atamyrat aganyň gazetimiziň irräkki sanlarynda yzygiderli çap edilen durmuş oýlanmalary dessine okyjylaryň söýgüsini gazandy. Muňa redaksiýa gelýän telefon jaňlarydyr hatlar aýdyň güwä geçýärdi. Halypa žurnalist adatça «köşe» diýilýän, gazetiň sahypasynyň bir burçundan ýerleşdirilýän çaklaňja ýazgylarynda kän meseleleri gozgaýardy, olar babatda öz pikir-garaýyşlaryny halka ýakyn dilde, şüwlümli, çeper beýan edýärdi.**

**Biz bu gezek halypa kärdeşimiziň, ussat ýazyjynyň şol «köşeleriniň» birini okyjylarymyza ýetirmegi makul bildik.**




Şol günem edil şu günki ýaly, gije ýagan gar daňdanlar doňupdy. Ýollar sürçekdi. Men täze alan magnitafonyma guwanyp, aýdym diňläp gelýärdim. Öňümden goňşym çykdy:

– Magnitafon gutly bolsun!

– Aýdanyň gelsin. Ýeňiljek, amatly gördüm-de alaýdym. Jagyrdysam ýok.

– Gowy zat göreňde belli-le. Maňa-da birjigini tapyp bersene, goňşy.

– Gözläp azara galmaly däl. Dükanda satylyp dur.

– Onuň ýaly zatlar bazara çykan badyna gutarýar diýýärler. Tanyş-bilşiň bar bolsa, maňa-da birini tapyp bersene, goňşy.

– Ah-ow, tanyş-da gerek däl, beýleki-de. Baryp alyp gaýdybermeli.

– Wiý, şeýlemi, onuň ýaly bolsa, idili zat däldir-le...

Geçen asyryň segseninji ýyllarynda bolan bu söhbetdeşligi heniz-henizlerem ýatlap ýörün. Ol wagtlar tanyş-bilşiň bolmasa göze gelüwli, yşnaklyrak zadam alyp bolmazdy, bitäýmeli möhümiňem bitmezdi. Her gezek şol zatlary ýatlanymda tanyş, tanyşlyk hakynda oýa batýaryn.

Daş-töweregimizdäki adamlar iki topara – tanyşlara hem nätanyşlara bölünýär. Bir topar tanyşlarymyzdyr, beýleki topar nätanyşlar. Olar-da öz aralarynda bölüner gider oturar: tanyş, çala tanyş, nätanyş, ýat, ýedi ýat... Mundan aňyrsyny yzarlasak, has inçeler. Bir dana: «Dostumyň dosty meniňem dostum, duşmanymyň dosty meniň duşmanym...» diýmeýärmi näme?!

«Bir gören tanyş, iki gören garyndaş» diýen ata-babalarymyz gepi juda aňyrdan aýlan bolarly. Tanyşlyk, dogrudan hem, dostlugyň, garyndaşlygyň, doganlygyň gapysy. Ilki tanyş bolup, soň şol tanyşlygyň dostluga, garyndaşlyga, doganlyga ýazmagy nähili ýakymly?! Göwündeş biri bilen tanyşsaň, ruhy ýakynlygyňy duýsaň, arkalaşsaň, arkaňda agaň bar ýaly bolaýýar. Özüm-ä şeýle tanyşlaryma: «Öň niredediň? Ikimiz nämüçin öňräk tanyşmandyrys» diýesim geliberýär. Diýýänem. Tanşam, tanyşlygam hil-hil bolýar. Her gün irden işe gidenimizde ýa-da giçlik öýe dolananymyzda, köplenç, şol bir adamlar bilen ýüzbe-ýüz bolýas. Dogrusy, biz olaryň atlaryny-da bilemzok. Käte baş atyşaýmasak, hemişe salamlaşybam ýöremzok. Şonda-da ep-esli wagtlap gabatlaşmasak, olary ýatlaýas, küýseýäs. «Iş saparyna dagy gidäýdimikä? Jany beri sagmyka?» diýip, pikir edenimizem duýman galýas. Çünki tanyş ýüzler, tanyş adamlar kalbyňy ýylydýar. Toý-märekede, duşuşyklarda: «Bu pylany!» diýip, täze adam bilen tanyşdyrýarlar. Biz muňa endik edipdiris. Ony edep kadasy hasaplaýarys. Täze tanyş – täze dünýä. Tanyşlygyň gowy tarapy başda ikiňem erkin. Göwnüňe ýarasa, tanşyp, gatnaşygyňy dowam edibermeli, ýaramasa unudaýmaly. Unudyp bilseň. Tanyş nätanyşlaryň arasyndan saýlanýar. «Köne duşman dost bolmaz» diýilýändir. Ýöne tanşyňam, dostuňam ýat bolmawersin! Ep-esli wagtlap görüşmedik tanşymyza duşanymyzda: «Ah-ow! Bu çakda sen nirede? Görneňok-la. Ýat bolup gitdiň-le» diýýänem bolsak, ol ýat däldir. Tanyşdyr. Tanyş bilen iş salyşsaň arkaýyn bolýaň. Ynanyşýaň. Möhümiň bitjegini ýa bitmejegini bilýäň.

Birmahallar depegen, gapagan eşek, häsiýeti ýaramaz sygyr bazara salnanda-da, «Tanyş bendäni bir çürkäýmäweriň» diýlerdi. Nätanyş saýyp çürkän bendäň bilen ertir gaýyn-guda bolup oturyberseň utanmazmyň?!

...Agşamky ýagan gar daňdana golaý doňdy. Ýol sürçek boldy. Şu zatlaryň pikirini edip gelşime, aýagym taýyp ýykyldym. Hasyr-husur ýerimden turup: «Tanyş biri göräýen däldirdä, hernä» diýip töweregime garanjakladym. Tanyş ýüze gözüm düşmänsoň, synymy kakyşdyryp, ýola rowana boldum...

# Paýhaslar

☑ Adamlar siziň näme diýeniňizi unudar, näme edeniňizi hem unudar, ýöne siziň olarda nähili duýgy galdyranyňyzy hiç wagt unutmazlar.

***Maýýa Enjelou.***

☑ Bilim dünýäni üýtgetmek üçin ulanyp biljek iň güýçli hemraňyzdyr.

***Nelson Mandela.***

☑ Bizi öldürmedik zat bizi has-da güýçlendirýär.

***Fridrih Nisşe.***

☑ Gülküsiz gün – ýitirilen gündür.

***Çarli Çaplin.***

☑ Gowy makala ýazmagyň syry aýtjak zatlaryňyzyň hemmesini aýtman, käbir zatlary okyjynyň oýlanmagyna galdyrmakdyr.

***Wolter.***

☑ Garaňkylygy garaňkylyk bilen ýok edip bolmaz; ony diňe ýagtylyk bilen ýok edip bolar. Ýürekdäki ýigrenji ýigrenç bilen däl-de, söýgi bilen ýok edip bolar.

***Martin Lýuter King.***

☑ Geljegiň dürli atlary bar. Ejizler oňa «başartmajak zat», gorkaklar «näbellilik», batyrlar bolsa «belent maksat» diýýärler.

***Wiktor Gýugo.***

☑ Başaryp biljekdigiňize ynanyň, şonda siz eýýäm ýoluň ýarysyny geçdigiňizdir.

***Teodor Ruzwelt.***

☑ Men oýlanýaryn, diýmek, men ýaşaýaryn.

***Rene Dekart.***

☑ Biziň durmuşymyz oý-pikirlerimiziň oňa berýän şekilidir.

***Mark Awreliý.***

☑ Dünýäniň iň owadan we iň gowy zatlaryny göz bilen görüp ýa-da el bilen tutup bolmaz, olary diňe ýürek bilen duýmalydyr.

***Helen Keller.***

☑ Müňlerçe kilometrlik ýol birinji ädimden başlanýar.

***Lao Szy.***

☑ Adam üçin iň kyn zat – her gün Adam bolup galmak.

***Çingiz Aýtmatow.***

☑ Wagt iň adalatly kazydyr, ol hemme zady öz ornunda goýýar.

***Frensis Bekon.***

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**«Anthropic» kompaniýasynyň üstünligi.** ABŞ-nyň bu emeli aň kompaniýasy soňky tapgyrda iri göwrümli maliýe serişdelerini çekip, bazar gymmatyny tas iki esse artdyrdy we öňdebaryjy startaplaryň birine öwrüldi. Bu üstünlik pudakdaky esasy öndürijileriň arasyndaky tapawudy ep-esli gysgaltdy. Şeýle hem kompaniýanyň, eýýäm, şu ýylda öz gymmatly kagyzlaryny halkara gazna biržalarynda (IPO) ýerleşdirmäge taýýarlanýandygy mälim edildi.



**Sagdyn garrylygyň möhüm şerti.** Halkara alymlar topary «UK Biobank» taslamasynda ýarym million adamy barlap, gije-gündizde 6 sagatdan az ýa-da 8 sagatdan köp ýatmagyň organizmi biologik taýdan çalt garradýandygyny subut etdiler. Emeli aňyň kömegi bilen geçirilen barlaglar uky düzgüniniň bozulmagynyň süýji, ýürek-damar kesellerine we göwnüçökgünlige eltýändigini, aşa köp ýatmagyň bolsa gizlin keselleriň alamatydygyny ýüze çykardy.



**Plastik çäýnekleriň saglyga zyýany.** Awstraliýaly alymlaryň barlaglaryna görä, polipropilen plastik çäýnekde suw gaýnadylanda, onuň bir käsesinde 3 milliarda golaý mikro we nanoplastik bölejikleri emele gelip, olar içege, öýken we nerw ulgamyna ýaramaz täsir edýär. Hünärmenler muny azaltmak üçin täze çäýnegi ulanmazdan ozal suwuny azyndan 10–50 gezek gaýnadyp dökmegi we mineralty suw ulanmagy maslahat berýärler.



**Yssydan goraýan başgaplar.** Hindistanda dowam edýän aşa yssy howa sebäpli, Nýu-Deliniň ýol polisiýasy içine sowadyş ulgamy we wentilýator gurnalan ýörite başgaplary geýip başlady. Aşa gyzgynlyk zerarly ýurtda eýýäm 16 adam aradan çykdy. Häkimiýetler ilata daşary çykmazlygy maslahat berýärler. Batareýa bilen işleýän bu täze başgaplar işgärleri aşa gyzmakdan gorap, olaryň işe ukyplylygyny saklamaga kömek edýär.



**Sanly sungat muzeýi.** Ýakyn Gündogaryň ilkinji sanly sungat muzeýi (MODA) Dubaýda açylar. «Burj Halifa» binasynyň binagärleri tarapyndan taslanan 5 gatly täze binada sergi meýdançalary, interaktiw gurnamalar we ylmy-barlag platformalary ýerleşer. Dubaýyň Medeniýet we sungat edarasynyň başlygy şeýha Latifa bint Muhammed Al-Maktumyň başlangyjy bolan bu taslamada ýaş suratkeşleri goldamaga aýratyn üns berler.



**Täze ýyrtyjy hasaba alyndy.** Gimalaýlaryň Ladakh sebitinde möjek bilen meýdan itiniň gatyşmagyndan emele gelen, ýerli dilde «khipşang» diýilýän täze ýyrtyjynyň 80-e golaýy hasaba alyndy. Adamdan gorkmaýan bu jandar eýýäm obalara aralaşyp, öý haýwanlaryna we adamlara hüjüm edip başlady. Hünärmenler täze ýyrtyjynyň sebitdäki ekologik deňagramlylygy bozup, ynsan bilen tebigatyň arasyndaky gapma-garşylygy ýitileşdirjekdigini duýdurýarlar.



**Mekdeplerde emeli aň ulanylar.** Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew orta bilim ulgamynda emeli aňy ornaşdyrmak baradaky Permana gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2026-2029-njy ýyllarda okuw maksatnamalaryny okuwçylaryň şahsy ukybyna uýgunlaşdyrmak we sanly düzümi kämilleşdirmek boýunça toplumlaýyn meýilnama durmuşa geçiriler. Täze ulgamyň standartlary şu ýylyň 1-nji sentýabryna çenli tassyklanyp, ol mugallymlara kömekçi gural bolar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1977-nji ýylyň 5-nji iýunynda taryhda ilkinji köpçülikleýin şahsy kompýuter bolan «Apple II» resmi satuwa çykaryldy. Stiw Jobs we Stiw Woznýak tarapyndan döredilen bu enjam reňkli grafikasy we ulanmakda ýeňilligi bilen tehnologiýa dünýäsinde uly öwrülişik etdi. Elýeterli bahasy we amatlylygy üçin gysga wagtyň içinde öýlere hem-de mekdeplere giňden aralaşmagy başaran bu kompýuter häzirki zaman sanly özgerişligiň we smartfonlara çenli uzaýan döwrebap tehnologiýalaryň düýbüni tutdy.**



# HARYT DOLANYŞYGY REKORD DEREJÄ ÝETDI

28-29-njy maýda Gazagystanyň Astana şäherinde Ýewraziýa ykdysady bileleşigine (ÝYB) agza döwletleriň Baştutanlarynyň gatnaşmagynda emeli aň, umumy sanly bazar we söwda geçelgeleri baradaky meselelere bagyşlanan iki günlük sammit geçirildi. Duşuşykda çykyş eden Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew sanly ulgamyň we emeli aňyň durnukly ösüşiň esasy guralyna öwrülmegi netijesinde, agza ýurtlaryň arasyndaky haryt dolanyşygynyň 2026-njy ýylda, takmynan, 6 göterim ýokarlanyp, 85 milliard ýewrodan geçjekdigini we 2025-nji ýyldaky 80 milliard ýewrolyk rekord görkezijiden hem ýokary boljakdygyny mälim etdi. 12 ýyl bäri durnukly işleýän we meýdany 20 million inedördül kilometrden gowrak bolan umumy ykdysady çägi özünde jemleýän bu guramanyň agza döwletlerinde 2026-2027-nji ýyllarda



jemi içerki önümiň ösüşiniň ortaça 2,5 göterim derejesinde bolmagyna garaşylýar.

Ýokary derejeli gepleşikleriň dowamynda taraplar bökdençsiz söwda bazaryny emele getirmäge ukyply bitewi sanly giňişligi döretmek hem-de emeli aňy amaly taýdan ulanmak meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Häzirki wagtda bileleşigiň çäklerindäki özara hasaplaşyklaryň, takmynan, 90 göterimi milli pul birliklerinde amala aşyrylýar we muňa parallel ýagdaýda bitewi üstaşyr ulgamyny döretmek boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem logistika we ulag geçelgelerini döwrebaplaşdyrmak maslahatlaşylyp, Hytaýdan Ýewropa ugradylýan ýükleriň, takmynan, 85 göterimini daşaýan «Orta geçelge» we «Demirgazyk–Günorta» ugurlaryny doly integrirlenen logistik ekoulgama öwürmek hem-de 2030-njy ýyla çenli ýük daşamagyň göwrümini 10 million tonna ýetirmek maksat edinilýär.

ÝYB-nyň sammiti Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň Gazagystana amala aşyran döwlet saparynyň yzýany geçirildi. Saparyň barşynda taraplar energetika, ulag, maliýe, bilim we senagat ýaly ugurlarda ikiçäk hyzmatdaşlygyň 7 sany esasy ugruny we giň gerimli ylalaşyklar toplumyny ylalaşdylar. Şeýle hem Russiýa tarapyndan Gazagystanda bahasy 14 milliard ýewro barabar bolan we ýurduň elektrik energiýasyna bolan isleginiň 20 göterimini üpjün etjek ilkinji atom elektrik stansiýasynyň gurluşygy baradaky taslama aýratyn bellenip geçildi. Bu wajyp desga sebitde energetika howpsuzlygyny berkitmäge we taraplaryň ýokary tehnologiýaly önümçilik ugrundaky hyzmatdaşlygyny täze belentliklere götermäge uly goşant goşar.



# DURMUŞ DURNUKLYLYGY KESGITLENDI

**«Remitly» kompaniýasy tarapyndan taýýarlanan 2026-njy ýylyň Immigrasiýa indeksine laýyklykda, Şweýsariýa durmuş şertleri, zähmet haky we howpsuzlyk derejesi boýunça iň ýokary görkezijileri eýeläp, göçüp barmak we ýaşamak üçin dünýäniň iň özüne çekiji döwleti diýlip ykrar edildi. Dünýäniň 82 ýurduny ýaşaýşyň gymmatlygy, bilimiň derejesi, saglygy goraýyş, ekologiýa ýaly 34 sany esasy görkeziji boýunça bahalandyrýan bu halkara reýtingde ikinji we üçünji orunlary, degişlilikde, Islandiýa bilen Lýuksemburg eýeledi. Ilkinji bäşligiň hataryna Ýewropa sebitinden bolmadyk ýeke-täk döwlet hökmünde Awstraliýa (4-nji orun) we Germaniýa (5-nji orun) girdi. Göçüp barmak üçin iň amatly ýurtlaryň onlugyna bolsa Irlandiýa, ABŞ, Daniýa, Norwegiýa we Ispaniýa ýaly ýurtlar ýerleşdi.**

**Geçirilen barlaglar durmuşyň dürli ugurlary, şol sanda maşgala durnuklylygy we maddy bähbitler boýunça hem aýratynlyklary ýüze çykardy. Hususan-da, bilim ulgamy, çagalara ideg etmek şertleri we durmuş goldawy boýunça Ispaniýa maşgalaly göçüp barmak üçin iň amatly ýurt diýlip bellenildi. Bu ugurda Hytaý ikinji, ABŞ bolsa üçünji orny eýeledi. Şonuň bilen bir wagtda, girdejileriň we çykdajylaryň özara gatnaşygy, ýagny, ýaşaýyş gymmatlygy we satyn alyjylyk ukyby boýunça Saud Arabystany dünýäde birinji orny eýeledi. Bu görkeziji boýunça Bangladeş we ABŞ öňdäki orunlary paýlaşsa, Ýewropa ýurtlarynyň arasynda Norwegiýa we Daniýa girdejileriň hem-de çykdajylaryň iň amatly deňagramlylygyny üpjün edýän döwletler hökmünde hasaba alyndy.**

# IŇ IRI AZYK EKSPORTÇYLARY

Bütindünýä Söwda Guramasynyň (BSG) maglumatlaryna görä, azyk önümleriniň eksporty häzirki wagtda döwletleriň ykdysady kuwwatynyň iň aýdyň görkezijileriniň birine öwrüldi. Maglumatlara görä, dünýäniň iň iri 30 sany azyk eksportçysynyň paýyna umumy bahasy 1,5 trillion amerikan dollaryna barabar bolan global oba hojalyk bazarynyň 80 göteriminden gowragy düşýär. Şunda diňe öňdebaryjy 10 sany ýurt ähli eksportyň tas ýarysyny üpjün edip, dünýädäki azyk bahalaryna we logistika zynjyrlaryna nyrh kesiji hökmünde çykyş edýär.

Global azyk söwdasynyň özenini ABŞ, Braziliýa, Kanada we Meksika düzüp, bu ýurtlar galla, et we ýag önümleri bazarynyň dörtden bir bölegine gözegçilik edýärler. Hytaý önümçilikde dünýäde öňe saýlansa-da, önüminiň esasy bölegini içerki sarp edişe gönükdirýär. Aziýa bazaryny, esasan, sygyr eti we galla bilen Awstraliýa, palma ýagy bilen dünýä lideri bolan Indoneziýa üpjün edýär.

Ýewropa döwletleri, aýratyn-da Niderlandlar, Fransiýa we Germaniýa dünýä bazarynda önümçiligiň möçberi bilen däl-de, döwrebap ýyladyşhana tehnologiýalary we ýokary netijelilik




arkaly bäsleşýärler. Şol bir wagtda dünýädäki geosyýasy durnuksyzlyklar, deňiz gatnawlaryndaky bökdençlikler we ýangyç-energetika serişdeleriniň gymmatlamagy global azyk üpjünçiligine hem-de önümçilik çykdajylarynyň artmagyna ýaramaz täsirini ýetirýär.

# DÜNÝÄNIŇ TÄZE MUZEÝLERI

«Prix Versailles» dünýä arhitektura baýragynyň eminler topary 2026-njy ýyl üçin dünýäniň iň owadan ýedi muzeýiniň sanawyny mälim etdi. Bu abraýly sanawa Birleşen Arap Emirlikleri, Hytaý, Ýaponiýa, Litwa, ABŞ we Özbegistan ýaly ýurtlaryň täze binagärlik desgalary girizildi. Baýragyň Baş sekretary Žerom Guadeniň bellemegine görä, bu muzeýler diňe bir özboluşly arhitektura çözgütleri bilen däl, eýsem, içki giňişliginiň täsirli we manyly dizaýny bilen hem tapawutlanýarlar.

Sanawyň başyny Birleşen Arap Emirliklerindäki Şeýh Zaýed adyndaky Milli muzeý çekýär. Britaniýaly binagär Norman Fosteriň taslamasy boýunça gurlan bu desganyň laçynyň ganatlaryny ýatladýan 123 metr beýiklikdäki bäş sany polat diňi tebigy howa çalşygyny üpjün edýär. Hytaýyň Şençžen şäherindäki Zaha Hadidiň binagärlik edarasy tarapyndan taslanan Ylym we tehnologiýalar muzeýi hem özüniň «kosmos gämisini» ýatladýan keşbi hem-de ýerli subtropiki howa şertlerine uýgunlaşan innowasion gurluşy bilen sanawa mynasyp görüldi. Şeýle-de Hytaýyň «Sýueleý» atly ysly serişdeler muzeýi silindr şekilli binasy arkaly parfýumeriýanyň döreýiş tapgyrlaryny janlandyrýar.

Sanawda Ýaponiýanyň Tokio şäherindäki meşhur binagär Kengo Kumanyň taslamasy bolan, sungaty we tehnologiýany utgaşdyrýan «MoN Takanawa» muzeýi hem-de ABŞ-nyň Tehas şäherindäki Rafael Winýoli tarapyndan döredilen, beýiklikde asylyp duran sergi zaly bolan Milli hormat medaly muzeýi aýratyn orun eýeleýär. Ýewropadan bolsa bu sanawa ýeke-täk desga hökmünde Litwadaky taryhy obalaryň ýadygärligine ba-



gyşlanan «Ýitirilen ştetl» (Lost Shtetl) muzeýi girizildi.

Merkezi Aziýa sebitinden Özbegistanyň Daşkent şäherindäki Yslam siwilizasiýasy merkezi sanawy jemleýär. Teýmiriler döwrüniň binagärlik däplerini özünde jemleýän, 65 metrlik gümmezli bu görkana bina häzirki wagtda halkara ylmy we medeni gepleşikleriň möhüm merkezine öwrüldi.

# Aýa üç missiýasyny amala aşyrar

Milli aeronawtika we kosmos edarasy (NASA) şu ýylyň ahyryna çenli Aýa tarap «Aý bazasy – 1, 2 we 3» atly üç sany uçarmansyz kosmos missiýasyny amala aşyrjakdygyny resmi taýdan mälim etdi. NASA-nyň administratory Jaret Aýzekmanyň aýtmagyna görä, ilkinji uçuşy güýz paslynda başlanjak bu taslama arkaly ABŞ Aýda hemişelik bazany döretmek ugrunda ilkinji ädimlerini ädýär. Missiýalaryň çäklerinde Aýyň günorta polýusyny we syrly girdaplaryny öwrenmek, şeýle-de täze tehnologiýalary synagdan geçirmek meýilleşdirilýär. Jeff Bezosyň «Blue Origin» we «Astrobotic» ýaly hususy kompaniýalarynyň, şeýle-de Ýewropanyň we Koreýanyň kosmos agentlikleriniň gatnaşmagynda amala aşyrylýan bu taslama, NASA-nyň 2029-njy ýyla çenli dowam etjek we öz içine 25 sany uçuşy alýan uzak möhletleýin maksatnamasynyň birinji tapgyrydyr.

Meýilnama laýyklykda, taslamanyň ikinji tapgyrynda (2029-2032 ýý.) Aýda wagtlaýyn ýaşaýyş düzümleri gurlup, üçünji tapgyrda (2032-nji ýyldan başlap) bolsa kosmonawtlar toparynyň yzygiderli çalşylmagy esasynda hemişelik binýat döredilер. Ýeriň tebigy hemrasyny özleşdirmek ugrunda geçen aýda guralan «Artemida-2» missiýasynyň çäklerinde dört kosmonawtyň gatnaşmagynda soňky 50



ýylda ilkinji gezek Aýyň daşyndan aýlanyş uçuşy üstünlikli amala aşyryldy. Geljekde bolsa pes Ýer orbitasynda tehnologik synaglary amala aşyrjak «Artemida-3» (2027 ý.) we kosmonawtlaryň Aýyň ýüzüne göni düşmegini göz öňünde tutýan «Artemida-4» (2028 ý.) atly täze taryhy kosmos maksatnamalary durmuşa geçiriler.

# MALTADA parlament saýlawlary geçirildi

30-njy maýda Maltada geçirilen parlament saýlawlarynda häkimiýet başyndaky Zähmetkeşler partiýasy yzygiderli dördünji gezek ýeňiş gazandy. Ýurduň Premýer-ministri Robert Abelanyň ýolbaşçylygyndaky partiýa esasy bäsdeşi bolan Milletçi partiýadan, takmynan, 18 müň ses tapawut bilen öňe geçmegi başardy. Ýurduň habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryna görä, Zähmetkeşler partiýasy parlamentde köplügi saklap galan hem bolsa, bu gezekki görkeziji 2022-nji ýyldaky saýlawlar bilen deňeşdirilende azrak boldy. Milletçi partiýanyň ýolbaşçysy Aleks Borg saýlawlaryň netijesini ykrar edip, Robert Abela telefon arkaly gutlaglaryny ýetirdi. Ýewropa Geňeşiniň Baştutany Antoniu Koşta hem saýlawlar mynasybetli ýurduň Premýer-ministrini gyzgyn gutlady.

Häzirki Hökümet saýlaw möwsüminde esasy ünsüni ykdysady durnuklylyga gönükdirdi. Geçen ýyl Maltanyň jemi içerki önüminiň (JIÖ) 4 göterim ösmegi netijesinde, ýurt Ýewropa Bileleşigindäki iň pes hümmetsizlenmäni we işsizlik derejesini saklap galmagy başardy. Şeýle hem adada elektrik energiýasynyň we ýangyjyň nyrhlary soňky 10 ýylyň dowamynda Ýew-



ropada iň pes derejede galýar. Şol bir wagtda, sebitdäki durnuksyzlygyň we bökdençlikleriň täsirini azaltmak hem-de dünýä bazarlaryna energetika önümlerini bökdençsiz ýetirmek meselelerine hem aýratyn üns berilýär.

# IKINJI TAPGYRY GEÇIRILER

31-nji maýda Kolumbiýada geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynyň resmi netijeleri mälim edildi. Ýurduň Saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, «Watan goragçylary»



hereketiniň dalaşgäri Abelardo de la Espriella sesleriň 43,7 göterimini, «Taryhy pakt» koalisiýasynyň dalaşgäri Iwan Sepeda 40,9 göterimini almagy başardy. Şeýlelikde, dalaşgärleriň bellenen mukdarda ses alyp bilmezligi sebäpli, saýlawlaryň ikinji tapgyry 21-nji iýuna bellendi.

Bu gezekki saýlawlar raýatlaryň ýokary işjeňligi bilen tapawutlandy. Saýlawçylaryň 57,88 göterimi ses bermäge gatnaşdy. Birinji tapgyrda «Demokratik merkez» partiýasynyň wekili Paloma Walensiýa 6,92%, merkezçi dalaşgärler Serhio Fahardo 4,26% we Klaudiýa Lopes 0,95% ses aldy. Häzirki wagtda taraplar öňde duran ikinji tapgyra taýýarlyk görýärler we saýlawçylaryň goldawyny gazanmak ugrunda degişli çäreleri amala aşyrýarlar.

Dalaşgärleriň maksatnamalarynda ýurduň geljekki ösüş ugurlaryna we durmuş-ykdysady meselelere aýratyn orun berilýär. Taslamalarda durmuş maksatnamalaryny has-da kämilleşdirmek, parahatçylykly gepleşikleri dowam etdirmek, döwletiň ykdysadyýetdäki ornuny kadalaşdyrmak ýaly möhüm wezipeler göz öňünde tutulýar.

Şunuň bilen birlikde, saýlaw çäreleri ýurtda sporty, aýratyn-da futboly ösdürmek ugrunda alnyp barylýan işleriň işjeňleşen döwrüne gabat geldi. Ýakyn günlerde geçiriljek Dünýä çempionatynyň öňüsyrasynda milli ýygyndynyň sport lybaslary we nyşanlary ilat arasynda giň meşhurlyga eýe bolýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, bu şatlykly wakalar ilat arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini we sporta bolan höwesi has-da ilerletmäge ýardam edýär. Kolumbiýanyň milli ýygyndysy çempionatdaky ilkinji duşuşygyny 18-nji iýunda Özbegistanyň milli ýygyndysyna garşy geçirer.

# Elektroulaglar öňe saýlanýar

2026-njy ýylyň ilkinji dört aýynda Ýewropa Bileleşiginde täze awtoulaglaryň satuwy 4,2 göterim ýokarlanyp, tas 3,8 million birlige ýetdi. Häzirki wagtda Ýewropa bazarynda düýpli üýtgeşmeler bolup geçýär: ekologik taýdan arassa hasaplanýan elektroulaglara we gibrid ulaglara isleg durnukly artýar, benzinde we dizelde işleýän adaty ulaglaryň satuwy bolsa, tersine, 16-17 göterim töweregi aşak düşýär. Bu ýagdaý has-da Hytaýyň awtokonsernlerine bäsdeşlikde uly artykmaçlyk berdi we netijede olar Ýewropadaky bazar paýyny iki esse artdyryp, 6 göterime (goňşy ýurtlar bilen bolsa 7,3 göterime) ýetirmegi başardylar.

Sebitiň awtobazarynda «Volkswagen» (26,7% paý) we «Stellantis» (17,1% paý) ýaly Ýewropanyň öz ägirtleri henizem öňdeligi saklasalar-da, Hytaýyň BYD, «Chery» we «Leapmotor» ýaly brendleri birnäçe esse ösüş görkezip, olaryň yzyndan ýetmäge tagalla edýärler. Mysal üçin, diňe aprel aýynyň netijeleri boýunça Ýewropada satylan her bäşinji ulag (20,6%-



i) elektroulag boldy. Mahlasy, sebitde benzindir dizelli ulaglaryň döwri kem-kemden yzda galyp, bazaryň geljegini indi doly derejede Hytaýyň we Ýewropanyň elektroulaglarynyň täze nesli kesgitleýär.

# TOMUSDA GEZELENÇ EDILMELI ÝERLER

**Tomus paslynyň gelmegi bilen adamlar haýsydyr bir ýere gidip, dynç almagy meýilleşdirýärler. Gidilmegi meýilleşdirilýän ýerleriň sanawynda salkyn şäherler, deňiz kenarlary, muzeýler, owadan tebigatly ýerler we daglyk obalar esasy orny eýeleýär.**

**Tokio.** Ýurduň iň köp ilatly şäheri bolan Tokioda 14 milliondan gowrak adam ýaşaýar. 2 müň 194 inedördül kilometr meýdany tutýan bu şäher syýahatçylyk pudagynda öňdäki orunlary eýeleýär. «Neon uşyklaryň şäheri» ady bilen tanalýan Tokioda tomsuna howa 20-23 derejede saklanýar. Tokio her ýyl 30 milliondan gowrak myhman barýar. Şäheriň iň owadan ýerleriniň sanawynda «Tokio Skytree» ýaýlym we gözegçilik diňi öňdeligi eýeleýär. Ýaponiýanyň iň beýik gurluşy bolan bu binanyň boýy 634 metre ýetýär. Sumida derýasynyň kenarynda ýerleşýän bu şäheri gaýykly ýa-da gämili gezelenç edip, ýapon medeniýetine degişli gözellikleri ýakyndan synlap bolýar.

**«Jennet derwezesi».** Hytaýyň Týanmen daglarynda ýerleşýän meşhur ýerleriň biri «Jennet derwezesi» (Týanmen gowagy) bolup, her ýyl millionlarça syýahatçyny özüne çekýär. Iki gaýanyň birleşýän ýerinde tebigy ýagdaýda süýnmek açyk gowak emele gelipdir. Edil dagyň girelge gapysy ýaly görünýän bu ýere «Jennet derwezesi» diýlip at berlipdir. Dagyň girelgesine barmak üçin jülgeden ýokarlygyna beýgelip gidýän 999 basgançak ýol geçmeli. Basgançaklaryň 9-lyk san bilen baglanyşdyrylmagy ýöne ýerden däl. Sebäbi hytaý medeniýetinde 9-lyk san bakylygy aňladýar. Daş-töweregi tokaý bilen gurşalan 1260 metr belentlikde bulutlaryň arasynda ýöremek syýahatçylarda özboluşly duýgulary döredýär. Basgançakly jülgäniň beýikligi 131 metre barabar bolup, ini 50 metr töweregidir.



**Maýami Biç.** 1915-nji ýylyň 26-njy martynda döredilen Maýami Biç şypahana şäheri hökmünde tanalýar. Florida ştatynyň günortasynda ýerleşýän ada şäheri ak çägeli owadan kenarlary bilen syýahatçylaryň ünsüni çekýär. Maýami Biç 3 sany dynç alyş merkezini özünde jemleýär. 48,5 inedördül kilometr meýdany tutýan Maýami Biç binagärlik gurluşygy bilen görenleri haýran galdyrýar. Kenarýaka şäheriň «Okean Drive» köçesiniň ugrundaky restoranlarda açyk howada naharlanmak, «Wynwood Walls» sungat meýdançasynda aýlanmak, «Jungle Island» suw seýilgähinde gazykly gezelenç etmek, «Erkinlik diňi» binasyndaky muzeýi gözden geçirmek, amerikan ýazyjysy Ernest Hemingueýiň ýaşan öýüne barmak syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar. Maýami Biçde her ýylyň dekabr aýynda hemmäniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan «Art Bazel» festiwaly geçirilýär. Şäherde 44 sany seýilgäh, 2 sany golf meýdançasy, 2 tennis merkezi, şäheriň bir çetinden beýleki çetine barýan suw ýoly, köp sanly howuz, buz meýdançalary bar.

**Luwr muzeýi.** Dünýäniň iň uly muzeýleriniň biri hasaplanýan «aýnaly piramida» 1793-nji ýylda myhmanlara gapysyny açýar. Sena derýasynyň sag kenarynda, Luwr köşgüniň öňündäki meýdançada gurlan köp asyrlyk muzeýde 35 müňden gowrak sungat eserleri köpçülige hödürlenýär. 8 bölümden ybarat muzeýde saklanýan çeper eserleriň aglaba bölegi kartinalardan durýar. Bellenilişine görä, dünýä belli suratkeşleriň çeken 7500-den gowrak portretleri muzeýiň sungat galereýasynda saklanýar. Olardan italýan suratkeşi Leonardo da Winçiniň Mona Liza bagyşlan portreti uly meşhurlyga eýedir. 4 sany girelgesi bolan Luwr muzeýine her gün 15 müň töweregi, her ýyl bolsa 9 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

**Wengen obasy.** Alp daglarynyň eteginde, deňiz derejesinden 1274 metr belentlikde ýerleşýän Wengen obasynda 1000-den gowrak adam ýaşaýar. Bu oba Şweýsariýanyň meşhur ýerleriniň biri bolup, tomus möwsüminde has köp syýahatçy barýar. Wengen obasy suw şypahanasy, asma ýoly, lyža ýaryşlary, gurjak teatrlary hem-de «Mendelssohn» aýdym-saz hepdeligi bilen meşhurdyr. Arassa dag howasynyň hapalanmazlygy üçin bu ýerde ulag sürmek gadagan edilýär.

# TOMUS PASLY ÜÇIN MASLAHATLAR

☑ Yssy howada bedeniň derlemegi bilen öňkülerden has köp suwuklyk bölünip çykýar. Deriniň we dodagyň guramagy, kellagyry we başaýlanma ýaly alamatlar bedeniň suw ýetmezçiligini aňladýar. Tomus möwsüminde beden üçin iň zerur serişde suw bolup, her gün bedeniň talabyna laýyklykda 2-3 litr suw içmek maslahat berilýär. Limonly şerbet, garpyz şiresi, kokos suwy we gök çaý hem suwsuzlygy gandyrýan peýdaly içimliklerdir. Tomus paslynda kofedir gazly içgileri içip, suwsuzlygy gandyrmak maslahat berilmeýär.

☑ Tomusky iýmit sanawynda gök önümdir miwelere esasy orun berilýär. Sogan, hyýar, kädi, garpyz, gawun hem-de miweleriň dürli görnüşini iýip, bedeni gerekli witaminler, antioksidantlar, minerallar we suw bilen üpjün edip bolýar.

☑ Tomusda az-azdan ýeňiljek naharlanmak maslahat berilýär. Howanyň yssy günleri gök hem-de süýt önümlerini köpräk iýmeli. Etden we ýumurtgadan taýýarlanan ýagly hem-de gurak naharlaryň köp iýilmegi iýmit siňdirişde kynçylyk döredip, aşgazanyň gyzgynlyk derejesini ýokarlandyrýar. Bu bolsa adamy biynjalyk edip, oňaýsyz ýagdaýa salýar. Şol sebäpli tomsuna et önümleriniň ornuny balykdyr guş eti bilen çalyşsaňyz dogry bolar.

☑ Tomusda Gün şöhlesinden gelýän gyzgynlyk günortan has güýçlenýär. Şol sebäpli zerurlyk bolmasa, günortan açyk meýdanda gezmek maslahat berilmeýär. Daň atandan 10:00-a çenli, öýlän 17:00-dan soň Gün batýança aralyk meýdan işleri bilen meşgullanmak üçin amatly wagtdyr. Tomusda nah matadan taýýarlanan eginbaşlary geýmek Gün şöhlesiniň täsirini azaltmakda peýdaly bolar. Şeýle hem Güne göni seretmekden gaça durmaly. Zerur halatynda saýawan götermegi ýa-da äýnek dakynmagy ýatdan çykarmaly däl.




☑ Tomusda bedeniň köp mukdarda suwuklygy bölüp çykarýandygyny göz öňünde tutmak bilen ýapyk binalarda ýerine ýetirilýän maşklary saýlamaly. Ýüzmek tomus paslynda ýerine ýetirmek üçin iň gowy maşklar toplumy hasaplanýar.

☑ Tomus meýdan işleriniň gyzgalaňly möwsümi hasaplanýar. Bu möwsümde mörmöjekleriň köpelýändigini göz öňünde tutup, eliňi, boýnuňy we aýaklaryňy ýapyp duran egin-eşik geýmek maslahat berilýär. Şeýle hem daşardan gelip öýe girmezden ozal eginbaşlaryňy silkmek we gözden geçirmek maslahat berilýär.

☑ Tomusda günler uzyn bolany üçin günortan dynç almak (az wagtlyk uky) bedeniň güýç toplamagynda peýdaly bolup durýar. Gijesine 7-8 sagat uklamak esasy şertleriň biri bolup, kadaly uky alynmadyk ýagdaýynda başaýlanma, ýadawlyk, ysgynsyzlyk, ýürek bulanma we özüňi agyr duýmak ýaly alamatlar ýüze çykyp bilýär.

Tebigy täsinlik



# INDONEZIÝANYŇ ROMANTIK ADASY

Indoneziýa degişli bolan Bali adasy tebigy gözellikleriň mekany hasaplanýar. Malaý arhipelagynda ýerleşýän bu ada Hindi we Ýuwaş ummany bilen ýuwulýar. Owadan adanyň tutýan meýdany 5 müň 780 inedördül kilometr bolup, dolandyryş merkezi Denpasar şäheridir. «Romantikleriň adasy» diýlip atlandyrylýan bu ýer 1980-nji ýyllardan soň ýurduň iň meşhur syýahatçylyk merkezine öwrülýär.

Baliniň demirgazyk we gündogar kenarýakasyndaky çägelikler gara reňkli bolup, wulkanlaryň sebite ýaýramagy bilen emele gelipdir. Bali adasy «Müň ybadathana adasy», «Taňry adasy» diýlip hem atlandyrylýar. Sebäbi ekzotik adada, takmynan, 10 müňden gowrak ybadathana bar. Şolaryň arasynda Lempuýang Luhur (Jennetiň derwezesi) ybadathanasy iň meşhury bolup, gelim-gidimli ýerleriniň biridir. Balidäki ähli ybadathanada swastika nyşanyny görmek bolýar. Nyşanyň ady sanskrit dilindäki «swastika» sözünden gelip çykyp, Balide «hoşniýetlilik, hoşniýetli zat» diýen manyda ulanylýar. Romantik ada dynç almaga barýan syýahatçylardan islendik ybadathana girmek üçin sarong (bedeniňi örtýän uzyn ýapynja) geýmek haýyş edilýär. Bu ýerdäki düzgünlere görä, ybadathana barýanlaryň egni ýapyk bolmaly. Bu düzgünler Bali adasynda ýaşaýanlaryň ata-babalaryna goýýan hormaty diýlip düşündirilýär.



Ýaşyl adada 4 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Adanyň ýaşaýjylarynyň esasy käri balykçylyk we senetçilik bolup, syýahatçylyk ösen pudak hasaplanýar. Bali adasy diňe owadan deňiz kenarlary, gür tokaýlyklary, täsin haýwanat dünýäsi bilen tanalman, eýsem, milli we döwrebap tanslary, heýkeltaraşlyk, suratkeşlik sungaty, deri we metal işläp bejermek hem-de ösen aýdym-saz sungaty bilen hem meşhurdyr. Indoneziýanyň halkara film festiwaly hem her ýyl Balide geçirilýär. Bali adasyna her ýyl 5 million töweregi syýahatçy barýar.

**Ýer ýüzünde 7 müňden gowrak dil bar. Dünýä ilatynyň 40 göterimden gowragy iki dilde gepläp bilýär.**

## ÇAGALAR DÜNÝÄSI

# Dil öwrenmegiň oňaýly wagty

**Gadyrly çagalar! Tomusky dynç alyş döwri täze okuw ýylyna taýýarlanmak, güýç toplamak, ukyplaryňy ösdürmek, medeni we sport çärelerine gatnaşyp, beden hem-de ruhy taýdan kämilleşmek üçin oňaýly pursatdyr. Gowy dynç alan hem-de dil, matematika we kompýuter ýaly sapaklary goşmaça özleşdiren okuwçylar täze okuw ýylynda uly üstünlikleri gazanýarlar. Tomusky dynç alyş möwsümi täze dil öwrenmegiň we özleşdirmegiň wagtydyr.**



**HAÝSY DILI ÖWRENMELI?**

Dünýäde iň köp ulanylýan dilleri öwrenmek siziň üçin has peýdaly bolup biler. Muňa iňlis, rus, ispan, fransuz dillerini mysal getirmek bolar. Bu dillerde ýazylan kitaplaryň we internet çeşmeleriniň köp bolmagy şol dilleri has çuň öwrenmäge ýardam eder.

Bir dili has çalt we kämil öwrenmek üçin näme etmeli?! Täze dili göwnejaý öwrenmek üçin mekdepde we dil öwredýän okuw merkezlerinde berlen dersler bilen kanagatlanmaly däl. Daşary ýurt dilini özleşdirmek üçin beýleki çeşmelerden hem peýdalanmaly. Muňa şol dilde ýazylan çeper eserler, şol dilde düşürilen filmler, multfilmler, şol dilde ýerine ýetirilen aýdymlar mysal bolup biler. Bulardan başga-da, internetde berilýän onlaýn okuwlary we gepleşikleri diňlemek şol dile düşünmek ukybyňy artdyrýar. Telefonda we kompýuterde dil öwredilýän programmalary peýdalanmak hem peýdalydyr.

Üstünlige we maksadyňa ýetmek üçin dowamly zähmet çekmeli hem-de okamaly. Bu dil öwrenmek babatynda hem şeýledir. Daşary ýurt dilini çalt we dürs öwrenmek üçin yzygiderli türgenleşmek gerek. Täze öwrenen sözleriňi gaýtalamak, sözleriň okalyşyny we ýazylyşyny bilmek hem dil özleşdirmekde esasy üns bermeli şertleriň biri bolup durýar. Dil öwrenmekde sabyrly we bilesigeliji bolmaly, derrew netije gazanmak üçin däl-de, täze dili düýpli öwrenmek we bilmek üçin okamaly.

**DILLER BARADA**

Ýer ýüzünde 7 müňden gowrak dil bar. Dünýä ilatynyň 40 göterimden gowragy iki dilde gepläp bilýär. Iki we ondan köp dil bilmegiň peýdaly taraplary az däl. Başga dilde gepleýän adamlar bilen düşünişip bilmek, olaryň edebiýatyny, medeniýetini, sungatyny we däp-dessurlaryny ýakyndan öwrenmäge ýardam edýär. Köp dil bilýän adamlar örän medeniýetli, giň dünýägaraýyşly bolýarlar.

Her diliň özüne mahsus gurluş aýratynlygy bar. Käbir dilde sözleriň okalyşy we manysy bir-birine meňzeşräk bolsa, käsinde harp yzygiderliligi we elipbiýi meňzeş bolýar. Köp dilde hat çepden saga ýazylýan bolsa, arap elipbiýini ulanýan dillerde sagdan çepe ýazylýar.

# Kiçijik jübi näme üçin goýulýar?



**Jins jalbarlaryň sag tarapdaky jübüsinde goşmaça kiçijik jübini gören bolsaňyz gerek. Araňyzda kiçijik jübiniň näme üçin goýlandygy we näme zerurlygynyň bardygy barada gyzyklanýanlaryňyz hem bardyr. Eýsem, irki ýyllarda oýlanyp tapylan we orun alan kiçijik jübi näme üçin gerek?!**



Teňňe ýa-da ýeňilräk zat salynsa-da, jinsidäki kiçijik jübiniň goýulmagynyň maksady başga. Ýagny irki döwürlerde adamlar dürli görnüşli sagatlary ulanypdyrlar. Hatda Ýewropada ýanyňda sagat götermek medeniýetiň, işewürligiň nyşany bolup, XVII asyrda her bir erkek adamyň ýanynda ýüzi gapaklyja zynjyrly sagat bolupdyr. Goşar sagatlary oýlanyp tapylmazyndan öň ulanylan zynjyrly sagatlar jübüde göterilipdir. Uly jübüleriň tagaşyksyzdygy sebäpli, zynjyrly sagatlar üçin kiçijik jübüler oýlanyp tapylýar. Egin-eşik dizaýnynyň taryhynda kiçijik jübüler «sagat jübüleri» diýlip hem atlandyrylýar.

Häzirki wagtda hem jins jalbarlarda kiçijik jübüler goýulýar. Munuň sebäbi jinsileriň nusgawy dizaýnynyň üýtgedilmezligi bilen düşündirilýär. Käbir penjek jalbarlarda hem «bäşinji jübi» diýlip atlandyrylýan kiçijik jübüler bar.

# Santol – injire meňzeş täsin miwe

Ýabany mangostin diýlip atlandyrylýan bu miwä ylmy dilde «Sandoricum koetjape» diýilýär. Filippinler bu miwäni santol diýip atlandyrsalaram, tailandlylar oňa «kraton» diýýärler. Narynç reňkli, galyň gabykly miwe daşyndan göräýmäge, hoza we injire çalym edýär. Iýilýän bölegi sarymsak şekilli bölek-bölek bu miwäniň tagamy şetdalyny we pyrtykaly ýadyňa salýar. Miwäniň gabygyny deň ikä keseniňde, pagta gozasynyň içindäki hana meňzeş, akja iýilýän bölekler peýda bolýar. Miwäni böleklere bölüp ýa-da gabygyny ýukajyk arassalap, alma ýaly dişläp hem iýip bolýar. Suwly we şireli santol miwesiniň tagamy biraz turşumtyk bolýar. Köp ýurtda ýabany miwe hasaplanýan santol tomus paslynda ýetişýär. Miwäni çigidi bilen bilelikde iýmek örän howply hasaplanýar. Tailandlylar santoly duza basyp iýýärler. Beýleki ýurtlarda bolsa bu miwe işdäaçarlara we nahara goşulýar.





Santol miwesi Günorta-Gündogar Aziýada ösýän tropik agaçda ýetişýär. Baldaklary üç ýaprakdan ybarat bolan adybir agaç çalt ösýär. Hemişe ýaşyl öwüsýän bu agajyň sary we gyzyl miwe berýän iki görnüşi ösdürilýär. Onuň beýikligi 15-30 metre çenli ýetýär. Santol agajy ýabany tebigatda has gowy ösýär we bol hasyl berýär.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**10 tapawudy tapyň!**





**Labirint**



**Gyzykly pursat**








## 27-nji KROSSWORD

● **KESELIGINE:** **1.** Öý, düşek arassalanýan serişde. **5.** Ruhy hem-de bedeni syzyş. **9.** «Döwük ... durkuna gelmez» (nakyl). **12.** «... durmuş manysy, sabyr ömür hazynasy» (nakyl). **13.** Dutar çalnanda sag elde ýerine ýetirilýän tilsim. **14.** Miwe. **15.** «... sözüň ajysy bolmaz, egri sözüň – süýjüsi» (nakyl). **16.** Gara öýi ýel ýykmazlyk üçin gazyga daňylýan ýüp. **17.** «... semräp batman çykmaz» (nakyl). **20.** Howlynyň diwarynyň üstünden gurulýan diş-diş sütünjikler. **23.** «Aýdym ... syrdaşy» (nakyl). **26.** «Ýüwrük ... gamçy degmez» (nakyl). **28.** Günorta ýurtlarda ösýän, demre baý miweli agaç. **30.** Himiki element. **31.** Zordan görünýän, öçügsi. **32.** Kilogramyň müňden bir bölegi. **34.** XVI asyrda Etrek, Gürgen sebitlerinde ýaşap geçen türkmen serdary. **36.** Päl, hyýal. **39.** Örän ýerbe-ýer, göwne makul. **42.** Içi owunjak däneli garamtyl, sary miwe. **45.** Dört ýaşar at. **46.** Geçiniň çagasy. **47.** «... ekin bolar, baksaň – goýun» (nakyl). **48.** Bitaý däl, taýly. **49.** Tropik miwe. **50.** Ýagyş suwuny saklamak üçin gazylan çukur. **51.** «Iş ... bolsa, ussasy öňünden çykar» (nakyl). **52.** Daşyna ýüplük saralan ullakan tegek. **53.** Köpçülik tarapyndan çykarylýan hökmany düzgün, gelinýän netije. **56.** Hepdäniň bir güni. **59.** Resmileşdirilen maşgala gatnaşygy. **62.** Käbir haýwanyň kellesindäki ösüntgi. **64.** Togalajyk gyrmyzy, içi şänikli, turşumtyk miwe. **66.** Ýüňi iç ýüzüne edilip tikilen, zommagrak telpek. **67.** Goý, zyýany ýok, bolsa bolsun. **68.** Ymarat, desga. **70.** «Tikensiz gül bolmaz, jepasyz – ...» (nakyl). **72.** Garşylygy bildirýän baglaýjy. **75.** «Ýaman ... bilmez, özge gözüne ilmez» (nakyl). **78.** Bakja ekini. **81.** Keýigiň çagasy. **82.** Amyderýada ýaşaýan, teňňesiz balyk. **83.** Bir ýerde bile işleýän adamlar. **84.** Pamyk, ýüň ýaly zatlaryň sütük görnüşli bölejigi. **85.** Gyşyň miwesi. **86.** Bir zada görülýän taýýarlyk, edilýän alada. **87.** Iki ýaşyndaky goýun. **88.** Iki öýdümden ýa-da iki setir çitimden soň, çitilen ýüpleri endigan gyrmak.

● **DIKLIGINE:** **1.** Gurak howaly giden açyk ýer. **2.** Mawy gülli, dik ösýän, kösügi iýilýän meýdan oty. **3.** Delil, sebäp. **4.** «At almankaň, ... al» (nakyl). **5.** Barlygy saýgaryp bilýän duýgy agzasy. **6.** «Ýagşy ... aş üstüne» (atalar sözi). **7.** Ýagtylyk, şöhle. **8.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **9.** Türkmen düşegi. **10.** Tikin tikilende süýem barmaga geýdirilýän enjam. **11.** «... şor getir, ýüki – ner» (nakyl). **18.** Biriniň eýeçiligindäki zat. **19.** Atyň bakanynyň üstündäki ösgün, topbajyk tüý. **21.** «Dosty ýoguň duşmany ... çykar» (nakyl). **22.** Sport görnüşi. **24.** «... bolsun, ýöne bar bolsun» (nakyl). **25.** «Ne bal etdim, ne ...» (nakyl). **26.** Suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **27.** Eliň içi. **28.** At çalyşmasy. **29.** «... goňşym – jan goňşym» (atalar sözi). **32.** Ygtyýar edilmeýän, ýol berilmeýän. **33.** Dykyz, ýylmanak ak paçakly, süýri gawun. **35.** Guýynyň agzynyň zaýalanmazlygy üçin agaçdan ýa-da daşdan edilýän tegelek berkitme. **37.** Ýaşuly, kethuda. **38.** Garny ak, arkasy gara deňiz ördegi. **39.** Gaty-gaýrym zada çydamsyz, göwnüne alagan. **40.** Çalaja sepeleýän ownuk ýagyş. **41.** Elektrik güýji arkaly hereketе gelýän dwigatel. **42.** Igiň aşaky ujuna geýdirilýän enjam. **43.** Dilber, magşuk. **44.** Neçjaryň iş guraly. **54.** Nahar bişiriji. **55.** Süýt önümi. **57.** Edepli, tertipli. **58.** Suwuň ýapaşaklygyna örküçlenip akýan ýeri. **60.** «Tiriň ... boş, owazy artyk» (nakyl). **61.** Ölçegden ýokary, gereginden köp. **62.** Maşynyň, mehanizmiň, guralyň goşmaça bölegi. **63.** «Synalmadyk dost – çakylmadyk ...» (nakyl). **64.** Gelin-gyzlaryň üýşüp edýän tikini. **65.** Umumy san, mukdar. **68.** Bökmek üçin niýetlenen pružinli tor. **69.** Dyngy belgisi. **71.** Oňat dileg, ýagşy niýet. **73.** Güýç-kuwwat, sabyr-takat. **74.** Garaňky gatlyşan wagt. **75.** Guýy gazylanda diwary opurylmazlyk üçin iç ýüzüne örülen sözen, ýylgyn. **76.** «At ... hyýally, dag başy dumanly» (nakyl). **77.** «... gazan, onsoň bezen» (nakyl). **78.** «Hak işi ... goldar» (atalar sözi). **79.** «Göwün bir çüýşe, synsa ... tutmaz» (nakyl). **80.** Boks meýdançasy.






## 28-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Çylşyrymly bolmadyk, sada. **2.** Kenar, gyra. **3.** Owadan, gelşikli. **4.** Günorta Amerikada bir döwlet. **5.** Gyz ady. **7.** Gam-gussa. **9.** Bir zat barada edilýän pikir. **13.** Dürli reňkdäki ýüplerden çitilip dokalýan gymmat bahaly düşek. **14.** Taryhy ýadygärlik. **16.** Niderlandlaryň paýtagty. **17.** Sport aýakgap brendi. **19.** Türkmen şahyry. **21.** Oglan ady. **23.** Goldaw, ýardam. **30.** Kino lentasy. **32.** «... Hemra diýer, ajal donuny, Biçişeli, han Saýadym, ne diýr sen?» («Saýatly – Hemra»). **36.** Hijri-kamary aýlarynyň dokuzynjysy, Oraza aýy. **38.** Şekillendiriş sungatynyň bir görnüşi. **40.** Aýlaw. **42.** Äpet, uly. **43.** Şaýylyk, teňňe. **45.** Sport oýny. **46.** «Kitap ... gullar manydan dokdur» (Magtymguly Pyragy).

● **KESELIGINE:** **6.** Türkmen dessanlarynyň biri. **8.** Ýewropada bir döwlet. **10.** Rahatlandyryjy reňk. **11.** Çingiz hanyň bir ogly. **12.** Fizik ... Eýnşteýn. **13.** Aziýada bir döwlet. **15.** Miwe. **18.** Garyndaşlygy aňladýan söz. **20.** Bir zady ret etmek. **22.** ABŞ-nyň iň köp ilatly ştaty. **24.** Edep-ekram. **25.** Gyzgyn howa. **26.** Geçiniň, keýigiň erkegi. **27.** Balyk çorbasy. **28.** Sorag çalyşmasy. **29.** Dört çaryýarlaryň biri. **30.** Amerikan awtoulag kompaniýasy. **31.** Latwiýanyň paýtagty. **33.** Düýp, teý. **34.** Döredijiligiň bir ugry. **35.** Aýlaryň biri. **37.** Bir düşünjä bolan ynam. **39.** Gurt, böri. **41.** Biriniň eýeçiligindäki, birine degişli zat, mal. **44.** Işeňňir. **47.** Gadymy grek edebiýatynyň iň gadymy ýadygärligi. **48.** Iri däl. **49.** Konditer önümi. **50.** ...-günterek oýny.

25-nji krosswordyň jogaby:



26-njy krosswordyň jogaby:



17-nji skanwordyň jogaby:



18-nji skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# 11-nji TAPGYRYŇ NETIJELERI

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 11-nji tapgyrda sanawyň lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Şagadam» bilen duşuşyp, 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Häzirki çempiona ýeňiş getiren gollary 5-nji minutda Rahman Myratberdiýew, 45-nji minutda Daýanç Meredow, 70-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Güýçmyrat Annagulyýew hem-de 79-njy minutda 11 metrlik jerime urgusynda Resul Hojaýew geçirdi.



Ýer eýeleriniň ýeke-täk pökgüsini 45+2-nji minutda Guwanç Waliýew derweze girizdi.

Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Altyn Asyr» bilen «Ahal» duşuşyp, oýunda 6 gol hasaba alynsa-da, ýeňiş gazanan bolmady. Turuwbaşdan golly we çekeleşikli geçen oýnuň ilkinji ýarym sagady Myrat Annaýew bilen Magtymberdi Berenowyň garşylykly duellosyna öwrüldi. 3–3 hasabynda deňlikde tamamlanan oýunda «Altyn Asyrdan» Myrat Annaýew (3, 25) bilen Begençmyrat Myradow (37), «Ahaldan» Magtymberdi Berenow (15, 22) bilen Ruslan Piriýew (71) tapawutlandy.

Paýtagtymyzyň adybir topary «Aşgabat» öz meýdançasynda «Merwi» 5–1 hasabynda utdy. Merdan Muhadowyň hem-de Şatlyk Gurbanowyň gollary esasynda 2–0 hasabynda öňe saýlanan ýer eýelerinden Pirmyrat Sultanow soňky 20 minutda het-trik edip (69, 79, 84 p), «Aşgabat» toparynyň uly hasaply ýeňiş gazanmagyna saldamly goşant goşdy. Duşuşykda «Merwiň» ýeke-täk goluny 86-njy minutda Abdyresul Abdyýew öz adyna ýazdyrdy.

Balkanabatda «Nebitçi» bilen «Köpetdag» toparlarynyň arasyndaky oýunda ýeňijini ýeke gol kesgitledi. Seýitmämmet Hojamämmedowyň 17-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanan «Nebitçiden», esasan hem, oýnuň soňlarynda 8 futbolçy sary kart aldy.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 11 | 11 | 0 | 0 | 44-5 | 33 |
| 2 | «AHAL» | 11 | 6 | 3 | 2 | 24-13 | 21 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 11 | 6 | 2 | 3 | 20-15 | 20 |
| 4 | «NEBITÇI» | 11 | 4 | 1 | 6 | 6-12 | 13 |
| 5 | «ŞAGADAM» | 11 | 3 | 3 | 5 | 11-16 | 12 |
| 6 | «MERW» | 11 | 3 | 2 | 6 | 15-32 | 11 |
| 7 | «AŞGABAT» | 11 | 3 | 1 | 7 | 12-19 | 10 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 11 | 1 | 2 | 8 | 9-29 | 5 |

# «Nýu Ýork Niks» final oýunlaryna ýeňiş bilen başlady

Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da final oýunlarynyň 1-nji duşuşygy oýnaldy. «San Antonio Spars» bilen «Nýu Ýork Niksiň» arasyndaky 1-nji duşuşyk Tehasda geçirildi. Çekeleşikli we başa-baş dowam eden oýunda «Nýu Ýork Niks» myhmançylykda 105:95 hasabynda üstün çykyp, final duşuşyklaryna ýeňiş bilen başlady. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň ýyldyzy Jalen Brunson 30 utuk geçirip, toparyň üstün çykmagyna saldamly goşant goşdy. «San Antonio Sparsdan» ýyldyz basketbolçy Wiktor Wembanýamanyň 26 utuk, 12 ribaundlyk görkezijileri ýeňşe ýetmedi.



Toparlaryň arasyndaky 2-nji duşuşyk 6-njy iýunda ýene Tehasda oýnalar. 3-4-nji duşuşyklar 9-njy we 11-nji iýunda Nýu Ýork şäherinde geçiriler. 4 oýunda ýeňiş gazanan topar ýeňiji diýlip yglan ediler. Gerek bolan ýagdaýynda 5-nji duşuşyk 14-nji iýunda Tehasda, 6-njy oýun 17-nji iýunda Nýu Ýorkda, 7-nji duşuşyk 20-nji iýunda Tehasda geçiriler.

Finala çenli garşydaşlaryny aňsatlyk bilen ýeňen «Nýu Ýork Niks» topary 1999-njy ýyldan soň ilkinji gezek NBA-nyň çempionlygyna dalaş edýär.

«San Antonio Spars» topary finala çenli güýçli klublary ýaryşdan çykardy. Esasan hem, ýarym finalda «Oklahoma Siti Tanderi» 7 oýnuň netijesinde 4:3 hasabynda utmagy başardy.

«Nýu Ýork Niks» topary mundan öň 8 gezek finala çykyp, 1970-nji we 1973-nji ýyllarda çempionlyk gazanypdy. Ilkinji çempionlygynda 1999-njy ýylda «Nýu Ýork Niksi» ýeňen «San Antonio Spars» 2003-nji, 2005-nji, 2007-nji hem-de 2014-nji ýyllarda jemi 5 gezek NBA-nyň çempiony boldy.

# Parižde 12 aýdan soň ýene-de uly baýramçylyk



**UEFA Çempionlar Ligasynda 2025/26 möwsüminiň çempiony ýene-de PSŽ boldy. Dünýä ýyldyzlary bilen gazanyp bilmedik kubogyny eýýäm bassyr 2-nji gezek alan parižliler finalda «Arsenaly» 11 metrlik urgularyň netijesinde ýeňlişe sezewar etdi. 61 müň 35 janköýeriň tomaşa eden oýnunda germaniýaly Daniel Sibert jürlewük çaldy.**

Wengriýanyň paýtagty Budapeştdäki «Puşkaş Arena»-da oýnalan finala londonlylar erjel başlady. Eýýäm 6-njy minutda Kai Hawerts çep gyradan gurnalan hüjümde batly urgy bilen hasaby açdy. Bu onuň Çempionlar Ligasynyň final duşuşyklarynda geçiren 2-nji goly bolup, ol 2021-nji ýylyň finalynda «Çelsiniň» ýeke-täk pökgüsini derweze girizipdi. Hawerts finalda 2 dürli topar bilen gol salan 4-nji futbolçy bolmagy başardy.

Parižliler Hawertsiň oýnuň ilkinji minutlaryndaky goluna 2-nji ýarymyň başlarynda jogap berip bildi. Duşuşygyň 56-njy minutynda Kwarasheliýanyň garşysyna gödeklige ýol berleni üçin bellenen 11 metrlik jerime urgusyny Usman Dembele dürs urup, hasaby deňledi.

Galan minutlarda PSŽ Kwarasheliýa, Barkola bilen 2-nji gola golaýlasa-da hasap üýtgemedi we oýnuň esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Goşmaça wagtda-da o diýen









howply we ýatda galyjy pursatlar bolmady. Netijede, ýeňijini kesgitlemek 11 metrlik urgularyna galdy. Bu urgularda-da «Arsenalyň» 2, PSŽ-niň 1 futbolçysy ýalňyşlyk goýberdi. Londonlylarda Eze bilen Gabrieliň, parižlilerde Nunu Mendeşiň urgulary takyk bolmady. PSŽ-de Ramuş, Due, Hakimi, Beraldo, «Arsenalda» Gýokereş, Raýs hem-de Martinelli dürs ýerine ýetirdi. Şeýlelikde, 11 metrlik urgularyň netijesinde 4–3 hasabynda üstün çykan PSŽ bassyr 2-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi boldy. Parižliler «Real Madridden» soň muny başaran 2-nji, umumylykda-da 9-njy klub hökmünde hasaba alyndy. PSŽ-den öň dürli klublar «Real Madrid» 2 dürli döwürde çempionlygyny gorap, 1950-nji ýyllarda 4 gezek, 2016–17–18-nji ýyllarda-da 2 gezek çempionlygyny saklamagy başardy. Şeýle-de, «Benfika», «Inter», «Aýaks» (2 gezek), «Bawariýa» (2 gezek), «Liwerpul», «Nottingam Forest», «Milan» çempionlygyny goran klublar boldular.

### 3-nji kubogyny asmana göterdi

● Şol sanda Luis Enrike bu kubogy yzly-yzyna alan 2-nji ispan tälimçisi bolup, ondan öň 1956–57-nji ýyllarda «Real Madrid» bilen Hose Wilýalonga gazanypdy. Luis Enrike umumylykda yzly-yzyna 2 gezek çempionlyk gazanan 11-nji tälimçi bolmagy başardy. Bu onuň 3-nji Çempionlar Ligasy kubogy bolup, ispaniýaly hünärmen şu görkeziji boýunça Karlo Ançelotti (5), Bob Baýsly, Zinedin Zidan, Pep Guardiola (hemmesiniň 3 kubogy bar) dagynyň hataryna adyny ýazdyrdy.

Finalyň iň ökde oýunçysy diýlip, Witinýa saýlandy. PSŽ bu ýaryşda 2 gezek çempionlyk gazanan 14-nji topar bolmagy başardy.

PSŽ şu möwsümde 45-nji goluny geçirip, «Barselonanyň» rekordyny gaýtalady (1999/2000). 12-nji gezek ýeňiji 11 metrlik urgularyň netijesinde kesgitlendi.

Finala çenli ýeňilmän gelen «Arsenal» şu möwsümde ilkinji gezek utuldy. Möwsümiň dowamynda 7 gol (3-si 11 metrlik jerime urgusyndan) geçirden «Arsenala» 2-nji gezek finalda ýeňiş gazanmak başartmady. «Arsenal» topary «Atletiko» (3 final), «Reýms» hem-de «Walensiýadan» soň azyndan 2 gezek finalda utulyp, çempionlygy bolmaýan 4-nji klub hökmünde bellige alyndy. Umumylykda, «Arsenal» UEFA-nyň ýaryşlarynda 6-njy gezek finalda utulyp, şu wagta çenli şolaryň diňe birinde, 1993/94 möwsüminde ozalky Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda ýeňiş gazanmak miýesser etdi.

UEFA Super Kubogy duşuşygynda PSŽ bilen Ýewropa Ligasynyň çempiony «Aston Willa» kluby duşuşar. Duşuşyk 12-nji awgustda Awstriýanyň Salsburg şäherinde geçiriler.

Geçen möwsümiň çempiony PSŽ taryhynda 3-nji gezek finalda oýnap, 2020-nji ýylda ýeňlipdi.

«Arsenal» 20 ýyldan soň 2-nji gezek finala çykyp, londonlylar 2006-njy ýylda «Barselonadan» 2–1 hasabynda asgyn gelipdi.

PSŽ liga tapgyrynda 4 ýeňiş, 2 deňlik, 2 ýeňliş bilen çykyş etdi. PSŽ utulan-çykdy oýunlarynda «Monakony» (3–2, 2–2), «Çelsini» (5–2, 3–0), «Liwerpuly» (2–0, 2–0) hem-de «Bawariýany» (5-4, 1–1) ýaryşdan çykardy.

### «Arsenal» ýeňilmän finala çykdy

● «Arsenal» liga tapgyryndaky 8 duşuşygynda-da ýeňiş gazanmagy başardy we 1/8 finalda «Baýeri» (1–1, 2–0), çärýek finalda «Sportingi» (1–0, 0–0) hem-de ýarym finalda «Atletikony» (1–1, 1–0) ýeňdi.

### 4-nji gezek...

● UEFA Çempionlar Ligasynyň finalynda 4-nji gezek bir ýurduň 2 tälimçisi duşuşdy. 2003-nji ýylda 2 italýan – Karlo Ançelotti («Milan») bilen Marçelo Lippi («Ýuwentus»), 2013-nji ýylda 2 nemes hünärmeni – Ýupp Haýnkes («Bawariýa») bilen Ýurgen Klopp («Borussiýa D»), 2020-nji ýylda ýene-de 2 nemes tälimçisi – Hansi Flik («Bawariýa») bilen Tomas Tuhel (PSŽ) duşuşypdy.

Şeýle-de bu ýaryşyň çäginde 4-nji gezek 2 paýtagtyň wekilleri finalda güýç synanyşdy. 1962-nji ýylda «Real» (Madrid) – «Benfika» (Lissabon), 1966-njy ýylda «Real» (Madrid) – «Partizan» (Belgrad), 1971-nji ýylda «Aýaks» (Amsterdam) – «Panatinaikos» (Afiny) duşuşyklary paýtagt finallary hökmünde hasaba alnypdy. Bu gezek Pariž hem-de London şäherleriniň wekilleri finalda duşuşdy.

**PSŽ:** Safonow – Hakimi, Markinios (Zabarnyý 106), Paço, Nunu Mendeş – Fabian Ruiz (Zair-Emeri 95), Witinýa (Lukas Beraldo 106), Žoao Neweş – Due, Dembele (Gonsalu Ramuş 90+6), Kwarasheliýa (Barkola 83); Luis Enrike

**ARSENAL:** Raýa – Moskuera (Timber 66), Saliba, Gabriel, Hinkapie – Raýs, Lýuwis-Skelli (Zubimendi 91) – Saka (Madueke 83), Edegor (Gýokereş 67), Trossar (Martinelli 83) – Hawerts (Eze 91); Mikel Arteta




# Ýewropa Ligasyna gatnaşdyrylmandy, KONFERENSIÝA LIGASYNYŇ ÇEMPIONY BOLDY

**UEFA-nyň täze ýaryşy Konferensiýa Ligasynyň hem çempiony belli boldy. 5-nji gezek geçirilen ýaryşda 3-nji sapar iňlis topary ýeňiş gazandy.**



Germaniýanyň Leipsig şäherinde oýnalan finalda Angliýanyň «Kristal Palas» topary bilen Ispaniýanyň «Raýo Wallekano» topary duşuşdy. Çekeleşikli geçen finalda «Kristal Palas» topary 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Londonlylara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 51-nji minutda fransiýaly hüjümçi Žan-Filipp Mateta öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda finala çykan iki toparyň arasyndaky duşuşykda «Kristal Palas» ýeňiş gazanyp, taryhy çempionlyga mynasyp boldy. Netijede, bu kubogy bassyr 2-nji, umumylykda 3-nji gezek iňlis kluby eýeledi. Şol sanda bu kubok bassyr 2-nji gezek London şäheriniň klublarynyň oýunçylarynyň ellerinde asmana göterildi.



«Kristal Palas» taryhynda 3-nji uly kubogyny gazandy. Londonlylar geçen möwsümde FA Kubogyny hem-de Angliýanyň Super Kubogyny eýeläpdi.

«Kristal Palas» toparynyň tälimçisi, awstriýaly hünärmen Oliwer Glazner UEFA-daky 2-nji kubogyny gazandy. 51 ýaşyndaky tälimçi 2021/22 möwsüminde «Aýntraht» bilen UEFA Ýewropa Ligasynyň çempiony bolupdy.

«Kristal Palas» topary möwsümiň başynda Ýewropa Ligasynda oýnamalydy. Ýöne Fransiýanyň «Lion» toparynyň eýesiniň bu klubda-da şäriklik paýynyň bolmagy sebäpli, UEFA-nyň düzgünine laýyklykda Konferensiýa Ligasynda oýnamaly edilipdi. «Lion» toparynyň eýesi «Kristal Palasdaky» paýnamasyndan ýüz öwürse-de, klubuň Ýewropa Ligasyna alynmagy üçin giç hasaplanypdy.

«Kristal Palas» täze möwsümde Konferensiýa Ligasynyň ýeňijisi hökmünde Ýewropa Ligasynda çykyş eder.

# «LIWERPUL» TÄLIMÇISI ARNE SLOTY UGRATDY

Angliýanyň «Liwerpul» topary şowsuz geçen möwsümden soň tälimçisi Arne Sloty wezipesinden boşatdy. 47 ýaşyndaky niderland tälimçi 2024-nji ýylyň tomsunda «Liwerpulyň» tälimçiligine bellenipdi. Ilkinji möwsüminde kluby «Premier Liganyň» çempiony eden Slot üçin 2-nji möwsüm juda şowsuz geçdi. Kynlyk bilen möwsümi 5-nji orunda tamamlan «Liwerpul» belli bir döwürde ýeňiş gazanmakda juda kynçylyk çekdi. Slot «Liwerpulda» 113 oýunda 66 ýeňiş gazandy, 28 duşuşykda utuldy (19 deňlik). 2-nji möwsümde birnäçe şowsuz statistikalaryň, hatda antirekordlaryň eýesi bolupdy.

Slot tälimçilik karýerasyna «Kambuur» toparynda başlap, AZ, «Feýenoord» klublarynda dowam etdi. Slot «Liwerpuldan» öň «Feýenoorda» hem çempionlyk, hem-de kubok gazandyrypdy.

«Liwerpulyň» täze tälimçisi hökmünde «Bornmutdan» gaýdan Andoni Iraolanyň ady agzalýar. Iraola «Milandan» gelen teklipden ýüz öwrüpdi.



### Wezipesini taşlan beýleki tälimçiler

● «Premier Liganyň» wekilleriniň 5-si («Liwerpul» bilen «Bornmuty» goşanyňda) häzirki wagtda tälimçisiz bolup, olaryň täze tälimçileri ýakyn günlerde mälim ediler. «Mançester Sitide» Pep Guardiola, «Kristal Palasda» Oliwer Glasner, «Fulhamda» Marko Silwa möwsümiň tamamlanmagy bilen täze şertnama baglaşmadylar. «Mançester Sitide» Pepiň ornuna Enzo Mareskanyň gelmegine garaşylýar.

Şol sanda Italiýanyň «Milan» kluby hem tälimçisi Massimiliano Allegrini topardan ugratdy. Soňky tapgyrda öz meýdançasynda «Kaliariden» asgyn gelip, Çempionlar Ligasynyň daşynda galan «Milanyň» täze tälimçisi ýakyn günlerde mälim ediler. Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da «Napoli» hem Antonio Konte bilen ýoluny aýryp, onuň ornuna Allegriniň wezipä bellenmegine garaşylýar. «Bolonýa» topary Winçenzo Italianony wezipesinden ugradyp, onuň ornuna Domeniko Tedeskany klubuň täze tälimçisi diýip belledi. «Bolonýa» 40 ýaşyndaky hünärmen bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Lasio» topary hem tälimçisini ugradan toparlaryň hataryna goşuldy. Tejribeli tälimçi Maurizio Sarri klubdan ugradyldy.

# Ne Sinner, ne-de Jokowiç

Tennis boýunça möwsümiň 2-nji «Uly tuwulga» ýaryşy «Fransiýa Açykda» garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy. Ýaryşyň 2-nji tapgyrynda 1-nji derejeli dalaşgär hasaplanýan italiýaly Ýannik Sinneriň utulmagy hemmäni geň galdyrdy. Ol 56-njy orunda barýan argentinaly Huan Manuel Serundololdan 5 sagada golaý dowam eden oýunda asgyn



geldi. Aslynda, Sinner ilkinji 2 setde (6:3, 6:2) ýeňiş gazanyp, 3-nji setde-de, 5:2 hasabynda öňde barýardy. Ýagny Sinnere bary-ýogy 1 oýun alaýmak galypdy. Ýöne gyzgyn howanyňam täsiri bilen güýji peselen Sinner şol setde 7:5, soňky 2 setdede 6:1 we 6:1 hasaplar esasynda utulyp, ýaryşdan çykdy. Alkarasyň şikesi sebäpli gatnaşyp bilmeýän ýaryşynda Sinner 1-nji derejeli faworit diýlip görkezilýärdi. Ýannik Sinner tennis ýaryşlarynda 30 duşuşykdan bäri ýeňiş gazanyp gelýärdi.

Sinnerden soň 2-nji derejeli dalaşgär Nowak Jokowiç boldy. Sinneriň utulmagyndan soň, Alkarasyň hem ýoklugy, serbiýaly ussat tennisçä köp wagtdan bäri gazanyp bilmän gelýän 25-nji «Uly tuwulgasyna» ýetmek üçin uly mümkinçilik döretdi. Ýöne Jokowiç hem 3-nji tapgyrda garaşylmadyk ýagdaýda ýeňlişe sezewar boldy. Bu ýerde mundan öň 3 çempionlyk gazanan 39 ýaşyndaky



Jokowiç braziliýaly Žoao Fonsekadan ilkinji 2 setde üstün çyksa-da, soňlugy bilen ýeňildi. 1-2-nji setlerde 6:4 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Jokowiç 3-nji setde 6:3 utuldy. 4-5-nji setlerde bolsa taý-bregiň netijesinde 7:5-lik hasaplar esasynda garşydaşyndan asgyn gelip, 25-nji «Uly tuwulga» arzuwyny soňa goýmaly boldy. Şeýle-de, Serundolo bilen ispaniýaly Martin Landaluseniň arasyndaky 3-nji tapgyryň duşuşygy 5 sagat 58 minutda tamamlanyp, ýaryşyň taryhyndaky iň uzak dowam eden 3-nji duşuşyk diýlip hasaba alyndy.

# Täze çempionlar peýda bolar

Erkekleriň arasynda ilkinji gezek çärýek finala 3 italýan tennisçi çykyp, olaryň ikisi ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandy. Erkekleriň arasyndaky ýarym finalda italiýaly Matteo Arnaldi bilen watandaşy Flawio Kobolli, şeýle hem çehiýaly Ýakub Menşik bilen germaniýaly Aleksander Zwerew duşuşar. Bu bolsa «Uly tuwulgada» täze çempion diýmekdir. Sebäbi ýarym finala çykan tennisçileriň hiç biri-de mundan öň «Uly tuwulga» kubogyny gazanyp görmändi.



Edil şonuň ýaly, zenanlaryň arasynda-da ýarym finala çykanlaryň hiç biriniň karýerasynda «Uly tuwulga» çempionlygy ýok. Çärýek finalda 1-nji derejeli faworit Aryna Sabalenkany ýaryşdan çykaran russiýaly Diana Şnaýder ýarym finalda 114-nji basgançakda barýan polşaly Maýa Hwalinska bilen duşuşar. 24 ýaşyndaky Hwalinska çärýek finalda garaşylmadyk ýagdaýda russiýaly Anna Kalinskaýadan üstün çykypdy. Beýleki ýarym finalda bolsa ukrainaly Marta Kostýuk bilen russiýaly Mirra Andreýewa finala çykmak üçin özara güýç synanyşar. Şu ýyl Madriddäki «WTA 1000» ýaryşynda çempionlyk gazanan Kostýuk 4-nji tapgyrda Iga Şwentegi, çärýek finalda bolsa watandaşy Elina Switolinany ýeňmegi başardy. Russiýaly Mirra Andreýewa bolsa çärýek finalda Sorana Sirsteadan üstün çykdy.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

# DÜNÝÄ KUBOGY 2026-nyň DUŞUŞYKLARYNYŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI

| № | Güni | | Wagty | Toparça | 1-nji topar | Hasap | 2-nji topar | Stadiony (şäheri) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 11-nji iýun | penşenbe | 23:55 | A | MEKSIKA | | GÜNORTA AFRIKA | Estadio Azteca (Mehiko Siti) |
| 2 | 12-nji iýun | anna | 06:55 | A | KOREÝA RESPUBLIKASY | | ÇEHIÝA | Estadio Akron (Guadalahara) |
| 3 | 12-nji iýun | anna | 23:55 | B | KANADA | | BOSNIÝA | BMO Field (Toronto) |
| 4 | 13-nji iýun | şenbe | 05:55 | D | ABŞ | | PARAGWAÝ | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 5 | 13-nji iýun | şenbe | 23:55 | B | KATAR | | ŞWEÝSARIÝA | Levi's Stadium (San Fransisko) |
| 6 | 14-nji iýun | ýekşenbe | 02:55 | C | BRAZILIÝA | | MAROKKO | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |
| 7 | 14-nji iýun | ýekşenbe | 05:55 | C | GAITI | | ŞOTLANDIÝA | Gillette Stadium (Boston) |
| 8 | 14-nji iýun | ýekşenbe | 08:55 | D | AWSTRALIÝA | | TÜRKIÝE | BC Place (Wankuwer) |
| 9 | 14-nji iýun | ýekşenbe | 21:55 | E | GERMANIÝA | | KÝURASAO | NRG Stadium (Hýuston) |
| 10 | 15-nji iýun | duşenbe | 00:55 | F | NIDERLANDLAR | | ÝAPONIÝA | AT&T Stadium (Dallas) |
| 11 | 15-nji iýun | duşenbe | 03:55 | E | KOT-D'IWUAR | | EKWADOR | Lincoln Financial Field (Filadelfiýa) |
| 12 | 15-nji iýun | duşenbe | 06:55 | F | ŞWESIÝA | | TUNIS | Estadio BBVA (Monterreý) |
| 13 | 15-nji iýun | duşenbe | 20:55 | H | ISPANIÝA | | KABO WERDE | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 14 | 15-nji iýun | duşenbe | 23:55 | G | BELGIÝA | | MÜSÜR | Lumen Field (Siettl) |
| 15 | 16-njy iýun | sişenbe | 02:55 | H | SAUD ARABYSTANY | | URUGWAÝ | Hard Rock Stadium (Maýami) |
| 16 | 16-njy iýun | sişenbe | 05:55 | G | EÝRAN | | TÄZE ZELANDIÝA | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 17 | 16-njy iýun | sişenbe | 23:55 | I | FRANSIÝA | | SENEGAL | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |
| 18 | 17-nji iýun | çarşenbe | 02:55 | I | YRAK | | NORWEGIÝA | Gillette Stadium (Boston) |
| 19 | 17-nji iýun | çarşenbe | 05:55 | J | ARGENTINA | | ALŽIR | Arrowhead Stadium (Kansas Siti) |
| 20 | 17-nji iýun | çarşenbe | 08:55 | J | AWSTRIÝA | | IORDANIÝA | Levi's Stadium (San Fransisko) |
| 21 | 17-nji iýun | çarşenbe | 21:55 | K | PORTUGALIÝA | | KONGO DR | NRG Stadium (Hýuston) |
| 22 | 18-nji iýun | penşenbe | 00:55 | L | ANGLIÝA | | HORWATIÝA | AT&T Stadium (Dallas) |
| 23 | 18-nji iýun | penşenbe | 03:55 | L | GANA | | PANAMA | BMO Field (Toronto) |
| 24 | 18-nji iýun | penşenbe | 06:55 | K | ÖZBEGISTAN | | KOLUMBIÝA | Estadio Azteca (Mehiko Siti) |
| 25 | 18-nji iýun | penşenbe | 20:55 | A | ÇEHIÝA | | GÜNORTA AFRIKA | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 26 | 18-nji iýun | penşenbe | 23:55 | B | ŞWEÝSARIÝA | | BOSNIÝA | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 27 | 19-njy iýun | anna | 02:55 | B | KANADA | | KATAR | BC Place (Wankuwer) |
| 28 | 19-njy iýun | anna | 05:55 | A | MEKSIKA | | KOREÝA RESPUBLIKASY | Estadio Akron (Guadalahara) |
| 29 | 19-njy iýun | anna | 23:55 | D | ABŞ | | AWSTRALIÝA | Lumen Field (Siettl) |
| 30 | 20-nji iýun | şenbe | 02:55 | C | ŞOTLANDIÝA | | MAROKKO | Gillette Stadium (Boston) |
| 31 | 20-nji iýun | şenbe | 05:30 | C | BRAZILIÝA | | GAITI | Lincoln Financial Field (Filadelfiýa) |
| 32 | 20-nji iýun | şenbe | 07:55 | D | TÜRKIÝE | | PARAGWAÝ | Levi's Stadium (San Fransisko) |
| 33 | 20-nji iýun | şenbe | 21:55 | F | NIDERLANDLAR | | ŞWESIÝA | NRG Stadium (Hýuston) |
| 34 | 21-nji iýun | ýekşenbe | 00:55 | E | GERMANIÝA | | KOT-D'IWUAR | BMO Field (Toronto) |
| 35 | 21-nji iýun | ýekşenbe | 04:55 | E | EKWADOR | | KÝURASAO | Arrowhead Stadium (Kansas Siti) |
| 36 | 21-nji iýun | ýekşenbe | 08:55 | F | TUNIS | | ÝAPONIÝA | Estadio BBVA (Monterreý) |
| 37 | 21-nji iýun | ýekşenbe | 20:55 | H | ISPANIÝA | | SAUD ARABYSTANY | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 38 | 21-nji iýun | ýekşenbe | 23:55 | G | BELGIÝA | | EÝRAN | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 39 | 22-nji iýun | duşenbe | 02:55 | H | URUGWAÝ | | KABO WERDE | Hard Rock Stadium (Maýami) |
| 40 | 22-nji iýun | duşenbe | 05:55 | G | TÄZE ZELANDIÝA | | MÜSÜR | BC Place (Wankuwer) |
| 41 | 22-nji iýun | duşenbe | 21:55 | J | ARGENTINA | | AWSTRIÝA | AT&T Stadium (Dallas) |
| 42 | 23-nji iýun | sişenbe | 01:55 | I | FRANSIÝA | | YRAK | Lincoln Financial Field (Filadelfiýa) |
| 43 | 23-nji iýun | sişenbe | 04:55 | I | NORWEGIÝA | | SENEGAL | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |
| 44 | 23-nji iýun | sişenbe | 07:55 | J | IORDANIÝA | | ALŽIR | Levi's Stadium (San Fransisko) |
| 45 | 23-nji iýun | sişenbe | 21:55 | K | PORTUGALIÝA | | ÖZBEGISTAN | NRG Stadium (Hýuston) |
| 46 | 24-nji iýun | çarşenbe | 00:55 | L | ANGLIÝA | | GANA | Gillette Stadium (Boston) |
| 47 | 24-nji iýun | çarşenbe | 03:55 | L | PANAMA | | HORWATIÝA | BMO Field (Toronto) |
| 48 | 24-nji iýun | çarşenbe | 06:55 | K | KOLUMBIÝA | | KONGO DR | Estadio Akron (Guadalahara) |
| 49 | 24-nji iýun | çarşenbe | 23:55 | B | ŞWEÝSARIÝA | | KANADA | BC Place (Wankuwer) |
| 50 | 24-nji iýun | çarşenbe | 23:55 | B | BOSNIÝA | | KATAR | Lumen Field (Siettl) |
| 51 | 25-nji iýun | penşenbe | 02:55 | C | ŞOTLANDIÝA | | BRAZILIÝA | Hard Rock Stadium (Maýami) |
| 52 | 25-nji iýun | penşenbe | 02:55 | C | MAROKKO | | GAITI | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 53 | 25-nji iýun | penşenbe | 05:55 | A | ÇEHIÝA | | MEKSIKA | Estadio Azteca (Mehiko Siti) |
| 54 | 25-nji iýun | penşenbe | 05:55 | A | GÜNORTA AFRIKA | | KOREÝA RESPUBLIKASY | Estadio BBVA (Monterreý) |
| 55 | 26-njy iýun | anna | 00:55 | E | KÝURASAO | | KOT-D'IWUAR | Lincoln Financial Field (Filadelfiýa) |
| 56 | 26-njy iýun | anna | 00:55 | E | EKWADOR | | GERMANIÝA | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |
| 57 | 26-njy iýun | anna | 03:55 | F | ÝAPONIÝA | | ŞWESIÝA | AT&T Stadium (Dallas) |
| 58 | 26-njy iýun | anna | 03:55 | F | TUNIS | | NIDERLANDLAR | Arrowhead Stadium (Kansas Siti) |
| 59 | 26-njy iýun | anna | 06:55 | D | TÜRKIÝE | | ABŞ | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 60 | 26-njy iýun | anna | 06:55 | D | PARAGWAÝ | | AWSTRALIÝA | Levi's Stadium (San Fransisko) |
| 61 | 26-njy iýun | anna | 23:55 | I | NORWEGIÝA | | FRANSIÝA | Gillette Stadium (Boston) |
| 62 | 26-njy iýun | anna | 23:55 | I | SENEGAL | | YRAK | BMO Field (Toronto) |
| 63 | 27-nji iýun | şenbe | 04:55 | H | URUGWAÝ | | ISPANIÝA | Estadio Akron (Guadalahara) |
| 64 | 27-nji iýun | şenbe | 04:55 | H | KABO WERDE | | SAUD ARABYSTANY | NRG Stadium (Hýuston) |
| 65 | 27-nji iýun | şenbe | 07:55 | G | MÜSÜR | | EÝRAN | Lumen Field (Siettl) |
| 66 | 27-nji iýun | şenbe | 07:55 | G | TÄZE ZELANDIÝA | | BELGIÝA | BC Place (Wankuwer) |
| 67 | 28-nji iýun | ýekşenbe | 01:55 | L | PANAMA | | ANGLIÝA | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |
| 68 | 28-nji iýun | ýekşenbe | 01:55 | L | HORWATIÝA | | GANA | Lincoln Financial Field (Filadelfiýa) |
| 69 | 28-nji iýun | ýekşenbe | 04:25 | K | KOLUMBIÝA | | PORTUGALIÝA | Hard Rock Stadium (Maýami) |
| 70 | 28-nji iýun | ýekşenbe | 04:25 | K | KONGO DR | | ÖZBEGISTAN | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 71 | 28-nji iýun | ýekşenbe | 06:55 | J | ALŽIR | | AWSTRIÝA | Arrowhead Stadium (Kansas Siti) |
| 72 | 28-nji iýun | ýekşenbe | 06:55 | J | IORDANIÝA | | ARGENTINA | AT&T Stadium (Dallas) |
| 73 | 28-nji iýun | ýekşenbe | 23:55 | 1/16F | A 2 | | B 2 | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 74 | 29-njy iýun | duşenbe | 21:55 | 1/16F | C 1 | | F 2 | NRG Stadium (Hýuston) |
| 75 | 30-njy iýun | sişenbe | 01:25 | 1/16F | E 1 | | A/B/C/D/F 3 | Gillette Stadium (Boston) |
| 76 | 30-njy iýun | sişenbe | 05:55 | 1/16F | F 1 | | C 2 | Estadio BBVA (Monterreý) |
| 77 | 30-njy iýun | sişenbe | 21:55 | 1/16F | E 2 | | I 2 | AT&T Stadium (Dallas) |
| 78 | 1-nji iýul | çarşenbe | 01:55 | 1/16F | I 1 | | C/D/F/G/H 3 | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |
| 79 | 1-nji iýul | çarşenbe | 05:55 | 1/16F | A 1 | | C/E/F/H/I 3 | Estadio Azteca (Mehiko Siti) |
| 80 | 1-nji iýul | çarşenbe | 20:55 | 1/16F | L 1 | | E/H/I/J/K 3 | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 81 | 2-nji iýul | penşenbe | 00:55 | 1/16F | G 1 | | A/E/H/I/J 3 | Lumen Field (Siettl) |
| 82 | 2-nji iýul | penşenbe | 04:55 | 1/16F | D 1 | | B/E/F/I/J 3 | Levi's Stadium (San Fransisko) |
| 83 | 2-nji iýul | penşenbe | 23:55 | 1/16F | H 1 | | J 2 | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 84 | 3-nji iýul | anna | 03:55 | 1/16F | K 2 | | L 2 | BMO Field (Toronto) |
| 85 | 3-nji iýul | anna | 07:55 | 1/16F | B 1 | | E/F/G/I/J 3 | BC Place (Wankuwer) |
| 86 | 3-nji iýul | anna | 22:55 | 1/16F | D 2 | | G 2 | AT&T Stadium (Dallas) |
| 87 | 4-nji iýul | şenbe | 02:55 | 1/16F | J 1 | | H 2 | Hard Rock Stadium (Maýami) |
| 88 | 4-nji iýul | şenbe | 06:25 | 1/16F | K 1 | | D/E/I/J/L 3 | Arrowhead Stadium (Kansas Siti) |
| 89 | 4-nji iýul | şenbe | 21:55 | 1/8F(1) | A 2 — B 2 | | F 1 — C 2 | NRG Stadium (Hýuston) |
| 90 | 5-nji iýul | ýekşenbe | 01:55 | 1/8F(2) | E 1 — A/B/C/D/F 3 | | I 1 — C/D/F/G/H 3 | Lincoln Financial Field (Filadelfiýa) |
| 91 | 6-njy iýul | duşenbe | 00:55 | 1/8F(3) | C 1 — F 2 | | E 2 — I 2 | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |
| 92 | 6-njy iýul | duşenbe | 04:55 | 1/8F(4) | A 1 — C/E/F/H/I 3 | | L 1 — E/H/I/J/K 3 | Estadio Azteca (Mehiko Siti) |
| 93 | 6-njy iýul | duşenbe | 23:55 | 1/8F(5) | K 2 — L 2 | | H 1 — J 2 | AT&T Stadium (Dallas) |
| 94 | 7-nji iýul | sişenbe | 04:55 | 1/8F(6) | D 1 — B/E/F/I/J 3 | | G 1 — A/E/H/I/J 3 | Lumen Field (Siettl) |
| 95 | 7-nji iýul | sişenbe | 20:55 | 1/8F(7) | J 1 — H 2 | | D 2 — G 2 | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 96 | 8-nji iýul | çarşenbe | 00:55 | 1/8F(8) | B 1 — E/F/G/I/J 3 | | K 1 — D/E/I/J/K 3 | BC Place (Wankuwer) |
| 97 | 10-njy iýul | anna | 00:55 | ÇF(1) | 1/8F (2) | | 1/8F (1) | Gillette Stadium (Boston) |
| 98 | 10-njy iýul | anna | 23:55 | ÇF(2) | 1/8F (5) | | 1/8F (6) | SoFi Stadium (Los Anjeles) |
| 99 | 12-nji iýul | ýekşenbe | 01:55 | ÇF(3) | 1/8F (3) | | 1/8F (4) | Hard Rock Stadium (Maýami) |
| 100 | 12-nji iýul | ýekşenbe | 05:55 | ÇF(4) | 1/8F (7) | | 1/8F (8) | Arrowhead Stadium (Kansas Siti) |
| 101 | 14-nji iýul | sişenbe | 23:55 | ÝF1 | ÇF (1) | | ÇF (2) | AT&T Stadium (Dallas) |
| 102 | 15-nji iýul | çarşenbe | 23:55 | ÝF2 | ÇF (3) | | ÇF (4) | Mercedes-Benz Stadium (Atlanta) |
| 103 | 19-njy iýul | ýekşenbe | 01:55 | 3ÝER | 1/2 finalda utulan | | 1/2 finalda utulan | Hard Rock Stadium (Maýami) |
| 104 | 19-njy iýul | ýekşenbe | 23:55 | FINAL | 1/2 finalda ýeňiş gazanan | | 1/2 finalda ýeňiş gazanan | MetLife Stadium (Nýu Ýork) |




**BELLIK:** Duşuşyklar Aşgabat wagty bilen, şol sanda oýunlaryň başlanýan wagtyndan 5 minut öň görkezilen.

## DÜNÝÄ KUBOGY 2026-nyň STADIONLARY

